TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– GOÝ, BERKARAR DÖWLETIŇ TÄZE EÝÝAMYNYŇ GALKYNYŞY DÖWRÜNDE SAHAWATLY TÜRKMEN TOPRAGYNYŇ BEREKEDI HAS-DA ARTSYN!

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
16-njy iýun, 2023. Belgisi 24/1538



13-nji iýunda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyzyň günbatar sebitine iş saparyny amala aşyryp, welaýatlary durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň döwlet maksatnamasynyň durmuşa geçirilişi hem-de galla oragynyň depgini bilen tanyşdy.

# GALLA ORAGY MÖWSÜMI GYZGALAŇLY DOWAM EDÝÄR

Döwlet Baştutanymyzyň dikuçary Gyzylarbat etrabyndaky «Batly-Gadam» hususy kärhanasynyň bugdaý meýdanynyň ýanyna gondy.

Bu ýerde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň oba hojalyk toplumyna gözegçilik edýän orunbasary A.Ýazmyradow we Balkan welaýatynyň häkimi T.Atahallyýew mähirli garşyladylar.

Hormatly Prezidentimiz daýhan yhlasy bilen ýetişdirilen, gözüňi dokundyrýan bugdaý başlarynyň tolkun atýan meýdanlaryny, şeýle hem galla oragyna girişmek üçin bu ýerde hatara düzülen kombaýnlary synlady.

Ýurdumyzda azyk üpjünçiligini pugtalandyrmak, oba hojalygynda geçirilýän özgertmeleri has-da kämilleşdirmek, bu ugurdaky işleri döwrebap usulda guramak we pudaga hususy önüm öndürijileri giňden çekmek işleri maksatnamalaýyn esasda alnyp barylýar, olar üçin oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmek boýunça ýörite ýer gaznalary yzygiderli döredilýär.

Bulardan başga-da, oba hojalyk önümlerini öndürijilere dünýäde meşhur kompaniýalaryň ýokary öndürijilikli tehnikalarydyr gurallaryny, önümçilik kärhanalary üçin döwrebap enjamlary satyn almaklary hem-de önümçilige öňdebaryjy tejribeleri we tehnologiýalary giňden ornaşdyrmaklary üçin ähli şertler döredilýär. Oba hojalygynda iş alyp barýan hususy önüm öndürijiler üçin amatly şertleri döretmäge we olary maliýe taýdan goldamaga hem uly ähmiýet berilýär.

Şu ýyl Balkan welaýatynyň ekerançylyk meýdanlaryna ak bugdaýyň bol hasyl berýän görnüşleri ekildi. Hormatly Prezidentimiziň obasenagat toplumynyň ösdürilmegine berýän goldawy netijesinde, galla oragy möwsüminde «John Deere» we CLAAS ýaly meşhur kompaniýalaryň häzirki zaman galla orujy kombaýnlary netijeli ulanylýar. Bu tehnikalar gije-gündizleýin tertipde işledilip, ekerançylara ýetişdirilen bol hasyly çalt we ýitgisiz ýygnamaga ýardam berýär.

Soňra bu ýerde döwlet Baştutanymyz «Batly-Gadam» hususy kärhanasynyň ekerançylyk meýdanynyň daýhany G.Amanmyradow bilen söhbetdeş boldy.

Hormatly Prezidentimiz daýhanyň iş şertleri, maşgala ýagdaýy we kärende ýerinde ösdürip ýetişdirýän ekinleriniň görnüşi hem-de galla meýdanlarynyň hasyllylygy bilen gyzyklandy.

Zähmetsöýer gallaçy topraga yhlas edip öndürijilikli zähmet çekmek, ýerden bol hasyl almak ugrunda döwlet tarapyndan ähli zerur goldawlaryň berilýändigi üçin hormatly Prezidentimize hem-de Gahryman Arkadagymyza tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi. Şeýle hem ol 23 ýyldan bäri daýhançylyk bilen meşgullanýandygyny, şu ýyl 25 gektar meýdandan 112,5 tonna bugdaý hasylyny almagy meýilleşdirýändigini aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz döwletimiziň kärendeçileri zerur dökün, ýokary hilli tohum bilen üpjün edýändigini, olaryň netijeli zähmet çekmekleri üçin oňaýly şertleri döredýändigini nygtady. Şunuň bilen birlikde, bu asylly işe jogapkärli çemeleşmegiň türkmenleriň öňden gelýän ekerançylyk däbidigi bellenildi. Munuň özi ösüp gelýän nesli terbiýelemekde möhüm orun eýeleýär.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzda azyk bolçulygynyň döredilmegine mynasyp goşant goşýan daýhanlaryň iş şertleriniň yzygiderli gowulandyrylmagy, pudaga täzeçil tehnologiýalaryň, häzirki zaman ylmynyň gazananlarynyň ornaşdyrylmagy, iň esasysy bolsa, daýhan zähmetiniň höweslendirilmegi bilen baglanyşykly meseleleriň hemişe gözegçilikde saklanjakdygyny aýtdy.

Döwlet Baştutanymyz daýhana alyp barýan işlerinde mundan beýläk-de üstünlik arzuw etdi we ýurdumyzda azyk bolçulygynyň üpjün edilmegine goşýan goşandyna minnetdarlygyň nyşany hökmünde oňa sowgatlaryny gowşurdy.

Soňra döwlet Baştutanymyz kärendeçiniň haýyşy boýunça «Bismilla» diýip, daýhan yhlasy bilen birkemsiz ýetişen dok sümmülli bugdaýyň bir dessesini ordy we galla oragyna ak pata berdi hem-de bol hasyl öndürmegi arzuw etdi.

Şeýle hem hormatly Prezidentimiz Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň Balkan welaýat Oba hojalyk önümçilik birleşiginiň Gyzylarbat etrap tehniki hyzmat ediş kärhanasynyň mehanizatory S.Ödäýew bilen gürrüňdeş bolup, onuň iş şertleri we tejribesi, maşgala ýagdaýy, bugdaý meýdanlarynyň hasyllylygy bilen gyzyklandy.

Mehanizator döwlet Baştutanymyza ýurdumyzyň oba hojalyk pudagynyň maddy-enjamlaýyn binýadynyň pugtalandyrylmagy, döwrebap tehnikalar, oba hojalyk gurallary bilen üpjün etmek ugrundaky tagallalary, netijeli işlemek hem-de ýetişdirilen bol bugdaý hasylyny çalt we ýitgisiz ýygnap almak üçin döredilýän amatly şertler üçin hoşallyk bildirdi.

Hormatly Prezidentimiz durmuşa geçirilýän oňyn özgertmeleriň netijesinde, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň obasenagat toplumynda belent sepgitlere ýetilýändigini nygtady. Döwlet tarapyndan dünýäniň iri önüm öndürijileriniň häzirki zaman oba hojalyk tehnikalarynyň satyn alynmagy daýhanlara ekiş möwsümini gysga möhletde geçirmäge mümkinçilik berýär. Bu ugurda görülýän çäreler yzygiderli häsiýete eýe bolar.

Döwlet Baştutanymyz çekýän asylly zähmetine minnetdarlygyň nyşany hökmünde mehanizatora öz sowgatlaryny gowşurdy.

Döwlet Baştutanymyz galla oragyna girişen kombaýnlaryň sazlaşykly hereketini synlady. Galla meýdanlarynyň aňyrsyna göz ýetmeýän giňişligi daýhanlarymyzyň şu ýylky yhlasynyň ýerine düşendigine şaýatlyk edýär. Altynsow başlaryny şemala ygşyldadyp oturan galla meýdanlary halkymyzyň saçagynyň egsilmez berekediniň nyşany bolup görünýär.

Soňra hormatly Prezidentimiz oba hojalygynda netijeli iş alyp barýan «Batly-Gadam» hususy kärhanasynyň ýolbaşçysy A.Amanmämmedow bilen söhbetdeş boldy. Döwlet Baştutanymyz häzirki döwürde obasenagat toplumyna hususyýetçiligiň işjeň çekilmegi netijesinde öndürilýän önümleriň mukdarynyň artýandygyny kanagatlanma bilen belledi we telekeçileriň iş netijeliligini ýokarlandyrmak üçin olara döwletimiz tarapyndan zerur goldawlaryň yzygiderli beriljekdigini nygtady.

Telekeçi oba hojalygynda işleýän hususy ulgamyň wekilleriniň adyndan bu ulgamy ösdürmäge berýän ünsi hem-de türkmen işewürlerine uly goldawy üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, hormatly Prezidentimizi öňde durýan wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegi ugrunda ähli zerur tagallalary etjekdigine ynandyrdy.

Bu ulgamda amala aşyrylýan giň möçberli özgertmeler dürli görnüşli oba hojalyk önümleriniň öndürilişini artdyrmagyň hasabyna daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmäge hem-de obasenagat toplumynyň eksport kuwwatyny artdyrmaga gönükdirilendir. Bu bolsa milli ykdysadyýetimiziň mundan beýläk-de kuwwatlanmagynda, halkymyzyň durmuş derejesiniň ýokarlanmagynda has-da möhümdir.

## Arkadag şäheri – ösüşleriň buşlukçysy



Milli Liderimiziň asylly başlangyjy bilen güneşli Diýarymyzyň kartasynda Arkadag şäheri peýda boldy, ol ýurdumyzdaky ösüş-özgerişlikleriň aýdyň nyşany hökmünde binagärlik aýratynlygy, ýokary amatlyklary boýunça görenleri haýran galdyrýar.

Gahryman Arkadagymyz bu şäheriň gurluşygy bilen bagly meseleleri hemişe üns merkezinde saklaýar, ýakynda Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda önümçilik kuwwatlyklaryny ýola goýmak boýunça geçiren iş maslahatynda hem halkyň bähbidiniň ilkinji orundaky meseledigine ünsi çekdi.

Bu ýerleriň howa gurşawynyň ýakymlydygyny, arassa dag çeşmeleriniň ynsan saglygy üçin ýaramlydygyny, şeýle-de bu ýerlerde ösýän tebigy ösümlikleriň dermanlyk häsiýetiniň ýokarydygyny göz öňünde tutup, degişli işleriň alnyp barylmalydygy barada durlup geçildi. 3

## HALKARA TANS WE FOLKLOR FESTIWALY

*13-16-njy iýunda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda «Awaza – 2023» atly halkara tans we folklor festiwaly geçirilýär.*





Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy boýunça Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi tarapyndan geçirilýän çärä gatnaşmak üçin bu ýere halkara guramalaryň, ugurdaş edaralaryň ýolbaşçylarydyr wekilleri, Eýrandan, Hindistandan, Gazagystandan, Hytaýdan, Täjigistandan, Russiýadan, Rumyniýadan, Özbegistandan alymlar we hünärmenler, medeniýet işgärleri, sahna ussatlary geldiler.

Dünýä halklarynyň sungatyna bagyşlanan bu halkara forum ýurdumyzda özboluşly milli medeniýetimizi gorap saklamak we giňden wagyz etmek boýunça alnyp barylýan giň möçberli işler bilen baglylykda aýratyn ähmiýete eýe bolýar.

Hazar deňziniň kenaryndaky interaktiw suw çüwdürimli seýilgähdäki uly sahnada konsert guralyp, onuň maksatnamasy dürli halklaryň saz sungatynyň köpöwüşginliligini, milli däpleriň özboluşlylygyny şöhlelendirdi.

Ýurdumyzyň meşhur tans we folklor toparlary, halk tanslaryny hem-de aýdymlaryny ýerine ýetirijiler konsertde türkmen sungatyna wekilçilik etdiler.

Dünýä halklarynyň medeniýetiniň dürli taraplaýyn öwrenilmegine, dostlugyň we ylalaşygyň pugtalandyrylmagyna gönükdirilen halkara festiwalyň baş pikiri artistleriň çykyşlarynda öz beýanyny tapdy. Umumy maksatdan ruhlanan artistler her eseriň ýerine ýetirilmegine öz zehinlerini siňdirdiler. 2

## TÜRKMENISTAN – ÝUNESKO: 30 ÝYLLYK HYZMATDAŞLYK

*Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan öňdengörüjilikli daşary syýasaty netijesinde ýurdumyz dünýäniň birnäçe halkara guramalary bilen işjeň hyzmatdaşlyk edýär. Döwletimiz ençeme döwletler bilen diplomatik gatnaşyklary alyp barýar we birnäçe halkara guramalarynyň agzasy bolup durýar. Ýurdumyz BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet boýunça guramasy bolan ÝUNESKO bilen has-da üstünlikli, giň möçberli hyzmatdaşlyk alyp barýar.*




Türkmenistan 1993-nji ýylyň 17-nji awgustynda Londonda degişli resminamany tassyklamak arkaly ÝUNESKO-nyň doly hukukly agzasy boldy. 1994-nji ýylda Türkmenistan ÝUNESKO-nyň «Bütindünýä medeni we tebigy mirasyny goramak baradaky» Konwensiýasyna goşuldy.

ÝUNESKO Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça ýöriteleşdirilen edarasy bolup, esasy maksatlarynyň arasynda bilim, ylym we medeniýet ulgamynda ýurtlaryň we halklaryň arasyndaky hyzmatdaşlygyň giňeldilmegi arkaly parahatçylygyň we howpsuzlygyň ösdürilmegi esasy orun alýar. ÝUNESKO medeni ýadygärlikleriň we tebigy landşaftlaryň goralyp saklanylmagy ulgamyndaky halkara hereketlerinde öňdebaryjy ähmiýeti eýeläp, her bir halkyň umumadamzat gymmatlyklaryna we gazananlaryna hormat goýmak esasynda açyk gepleşikler üçin şert döretmek babatynda uly işleri alyp barýar. ÝUNESKO-nyň ştab-kwartirasy Fransiýanyň Pariž şäherinde ýerleşýär. 2

## Çagalar – ýurdumyzyň geljegi



Ýurdumyzda bagtyýar çagalaryň abadan durmuşda ýaşamagyny, howpsuzlygyny üpjün etmek, şeýle-de olary watansöýüjilik, ýokary ahlaklylyk ruhunda terbiýelemek biziň mukaddes borjumyzdyr. Çünki her bir milletiň rowaçly geljegi ýaş nesliň elindedir. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň ýaş nesliň geljegi baradaky edýän aladalary bizi has-da yhlasly, döredijilikli zähmet çekmäge, çagalara bilim-terbiýe bermegiň öňdebaryjy usullaryny işimize ornaşdyrmaga borçly edýär. Möhüm işde ata-babalarymyzyň çagalara terbiýe bermekde peýdalanan usullaryna hem giňden daýanylmagy özüniň oňyn netijesini berýär.

Häzir Diýarymyzda tomus pasly dowam edýär. Bu ajaýyp pasylda çagalaryň we mekdep okuwçylarynyň eý görýän, tomusky dynç alyş günleri dowam edýär. 3



### Ekologiýa taýdan arassa ulaglar bolar

Dubaýyň Ýol we ulag edarasy jemgyýetçilik ulaglarynyň 2050-nji ýyla çenli ýyladyşhana gazlarynyň zyňyndylarynyň nol derejesini gazanmagyny göz öňünde tutýan strategiýany kabul etdi. 4



### Woleýbolmy ýa-da karate?!

Dünýäde sportuň 3 müň töweregi görnüşi ýaýrap, olaryň käbiri seýrek ýagdaýda geçirilýän ýaryşlar hasaplanýar. Şeýle sport görnüşleriniň birine «sepak takraw» diýilýär. 5




### «Mançester Siti» – Çempionlar Ligasynyň täze çempiony

UEFA-nyň iň uly klub ýaryşy Çempionlar Ligasynyň 68-nji möwsüminiň çempiony belli boldy. Stambuldaky Atatürk Olimpiýa stadionynda oýnalan finalda «M.Siti» topary bilen «Inter» topary duşuşdy. 7



### Ýewropa ýurtlarynyň çempionlary

Ýewropada futbol möwsümi tamamlandy. Dowam edýän ýurtlarda-da çempionaty tomusda geçirilýän ýa-da gyşda geçirilmeýän ligalar bolup, olaryň täze möwsümi golaýda başlady. 8

# GIŇ MÖÇBERLI ÖZGERTMELER ÜSTÜNLIKLI DURMUŞA GEÇIRILÝÄR

*14-nji iýunda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabyna iş saparyny amala aşyryp, obasenagat toplumynyň düzümleriniň sazlaşykly işiniň üpjün edilişi hem-de galla oragynyň depginleri bilen tanyşdy.*



Ir säher bilen türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň çäginde ýerleşýän «Bugdaýly tejribe-tohumçylyk» daýhan birleşiginiň bugdaý meýdanyna bardy. Bu ýerde Gahryman Arkadagymyzy Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň obasenagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasary A.Ýazmyradow, Ahal welaýatynyň häkimi Ý.Gurbanow hem-de ýurdumyza iş sapary bilen gelen GDA-nyň Tohumçylyk meseleleri boýunça hökümetara utgaşdyryjy geňeşiniň başlygynyň orunbasary, «Semena» assosiasiýasynyň prezidenti I.Kuzmin, harby we hukuk goraýjy edaralaryň Hojalyk müdiriýetiniň başlygy Ç.Amanow hem-de alym-agronomlar garşyladylar.

Milli Liderimiz myhmany türkmen topragynda mübärekläp, ýurdumyzda obasenagat toplumynyň düzümleriniň işini häzirki zamanyň ösen tejribesine laýyklykda döwrebaplaşdyrmak, azyk howpsuzlygyny pugtalandyrmak, şol bir wagtyň özünde, pudaga ylmyň täze gazananlaryny we innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak meselelerine aýratyn üns berilýändigini belledi.

GDA-nyň Tohumçylyk meseleleri boýunça hökümetara utgaşdyryjy geňeşiniň başlygynyň orunbasary Türkmenistanda daýhanlaryň öndürijilikli zähmeti üçin ähli zerur şertleriň döredilýändigini kanagatlanma bilen belledi. Myhman 2019-njy ýylyň maý aýynda Aşgabatda GDA-nyň Tohumçylyk meseleleri boýunça hökümetara utgaşdyryjy geňeşiniň mejlisiniň ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilendigini nygtady. Onuň dowamynda alymlaryň, oba hojalygy boýunça hünärmenleriň özara duşuşyklary bolup, tohumçylyk-seçgi işini mundan beýläk-de ösdürmäge degişli pikir alşyldy diýip, myhman sözüni dowam etdi. Bu babatda türkmen ekerançylarynyň we oba hojalykçy alymlaryň ýeterlik tejribe toplandygyny bellemeli. Munuň özi azyk howpsuzlygyny üpjün etmek, oba hojalyk pudagyny hemmetaraplaýyn ösdürmek meseleleriniň Türkmenistanda yzygiderli üns merkezinde saklanylýandygynyň aýdyň netijesidir diýip, myhman belledi we bu ugurda Gahryman Arkadagymyzyň tagallasyna möhüm ornuň degişlidigini nygtady.

Soňra türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow daýhan birleşiginiň kärendeçisi Ç.Annaýew bilen gürrüňdeş bolup, onuň işi, ekin meýdanlarynyň ýagdaýy we durmuşy bilen gyzyklandy.

Kärendeçi daýhan özüniň 28 gektar ýeriniň bardygyny, kärendeçilere döwlet tarapyndan yzygiderli goldaw berilýändigini aýdyp, bugdaýyň her gektaryndan 40 sentner töweregi hasyl alyp, döwlet harmanyna 112 tonna bugdaý tabşyrmagy meýilleşdirýändigini gürrüň berdi. Gallaçy daýhan döwletimiziň oba zähmetkeşlerine zerur goldaw berýändigini aýtdy.

Gahryman Arkadagymyz daýhanyň bereket bolçulygyny döretmek ýaly asylly käriniň bardygyny belläp, döwletimiziň geljekde-de oba hojalyk önümlerini öndürijilere hemmetaraplaýyn goldaw berjekdigini, pudagyň maddy-enjamlaýyn binýadynyň pugtalandyrylmagy, daýhanlaryň iş şertleriniň yzygiderli gowulandyrylmagy ugrunda ähli zerur tagallalary etjekdigini aýtdy. Türkmen halkynyň Milli Lideri daýhanyň ekerançylykdan başga näme bilen meşgullanýandygy bilen hem gyzyklandy.

Ç.Annaýew, öňi bilen, ýokary derejeli mümkinçilikler we şertler üçin Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Serdarymyza ähli daýhanlaryň adyndan tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, daýhançylykdan başga maldarçylyk bilen meşgullanýandygyny, gara mallary we dowarlary idedýändigini, şeýlelik-de, maşgala agzalary bilen bagtyýar durmuşda ýaşaýandygyny uly buýsanç bilen gürrüň berdi.

Soňra Gahryman Arkadagymyz daýhanyň haýyşy boýunça kemsiz ýetişen ak bugdaýdan «Bismilla» diýip, bir desse ordy. Ýygnananlaryň ählisi hem türkmen halkynyň Milli Lideriniň göreldesine eýerdiler. Hormatly Arkadagymyz tejribeli daýhana çekýän asylly zähmetine minnetdarlygyň nyşany hökmünde Arkadagly Serdarymyzyň adyndan sowgatlary gowşurdy we daýhanyň çäjine bereket diledi.

Gahryman Arkadagymyz bugdaý dänelerini eline alyp, sahawatly topragyň bol hasyl eçilendigini, däneleriň dok bolmagynyň idegiň talabalaýyk ýerine ýetirilendigini görkezýändigini belläp, bu işleri mundan beýläk-de kämilleşdirmek, önümçilige häzirki zaman ylmynyň ösen tejribesini ornaşdyrmak meselelerine zerur üns bermelidigini nygtady we degişli ýolbaşçylara birnäçe maslahatlaryny berdi.

Milli Liderimiz daýhanlaryň yhlasly zähmetiniň miwesi bolan bugdaýly meýdanlaryň ýanynda galla oragyna girişmek üçin bu ýerde hatara düzülen kombaýnlary synlady. Türkmen halkynyň Milli Lideri bugdaý oragyna girişmäge taýýar bolup duran mehanizator bilen gürrüňdeş boldy we onuň iş şertleri bilen gyzyklandy.

Mehanizator Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Serdarymyza tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, bu kärde 15 ýyl bäri zähmet çekýändigini, döwletimiz tarapyndan satyn alynýan bugdaý orujy kombaýnlaryň telematik usulda işleýändigini, onuň içinde amatly şertleriň üpjün edilendigini nygtady.

Türkmen halkynyň Milli Lideri ýurdumyzyň oba hojalyk pudagynda işleri döwrebap usulda guramak we pudagyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak işleriniň toplumlaýyn esasda dowam etdirilýändigini, geljekde-de dünýäniň öňdebaryjy önüm öndürijileriniň kuwwatly hem-de dolandyryş babatda amatly tehnikalarynyň yzygiderli satyn alynjakdygyny aýtdy we mehanizatora asylly işi üçin minnetdarlyk bildirdi.

Önümçilige öňdebaryjy tejribeleri we tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak, bu ugurda oba hojalykçy alymlar bilen bilelikde iş alyp barmak meseleleriniň ähmiýetlidigini belläp, Gahryman Arkadagymyz oba hojalygynda ýaýbaňlandyrylan giň möçberli özgertmeleri üstünlikli durmuşa geçirmek babatda degişli ýolbaşçylara birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Soňra dünýä derejesinde iň kämil we ýokary öndürijilikli hasaplanýan kuwwatly tehnikalaryň işine badalga berildi. Olaryň sazlaşykly hereketi bilen daýhanlaryň yhlasly zähmetinden kemala gelen bol hasyl ýitgisiz ýygnalyp başlandy.

Hormatly Prezidentimiziň obasenagat toplumynyň ösdürilmegine berýän goldawy netijesinde, galla oragy möwsüminde ýurdumyzyň toprak-howa şertlerine laýyk gelýän «John Deere», «Case» we CLAAS ýaly meşhur kompaniýalaryň häzirki zaman bugdaý orujy kombaýnlary netijeli ulanylýar. Bu tehnikalar gije-gündizleýin tertipde işledilip, ekerançylara ýetişdirilen bol hasyly çalt we ýitgisiz ýygnamaga ýardam berýär.

Soňra türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bu ýerde gurnalan bassyrmanyň saýasynda degişli ýolbaşçylar we ýurdumyzda bolýan myhmanlar bilen oba hojalygyny mundan beýläk-de ösdürmegiň ugurlary, hojalygy dolandyrmagyň täzeçil usullary bilen baglanyşykly meseleleri ara alyp maslahatlaşdy.

Häzirki döwürde obasenagat toplumynyň ähli düzümleriniň sazlaşykly ösüşiniň üpjün edilmegi tohumçylyk-seçgi işiniň talabalaýyk alnyp barylmagyna bagly bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, Gahryman Arkadagymyz ýurdumyzyň oba hojalyk ulgamy boýunça halkara hyzmatdaşlyga möhüm ähmiýet berýändigini, şunda BMG-niň Azyk we oba hojalyk guramasy bilen hyzmatdaşlygy ösdürmegiň Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynyň esasy ugurlarynyň birine öwrülendigini belledi.

Gürrüňdeşligiň dowamynda I.Kuzmin Türkmenistanyň ekerançylyk meýdanlarynda alnyp barylýan işleriň ýokary halkara görkezijilere we agrotehnikanyň talaplaryna doly laýyk gelýändigini nygtady. Bu ajaýyp döwletde oba hojalykçylar, alym agronomlar topragyň hasyllylygyny ýokarlandyrmak, täze ýerleri özleşdirmek işlerini häzirki zaman ylmy esasynda alyp barýarlar. Şunda döwrebap ylmyň gazananlary bilen milli daýhançylyk tejribesiniň utgaşdyrylmagy çekilýän zähmetiň netijeli häsiýete eýe bolmagyny üpjün edýär. Bu bolsa önümiň ýokary hilli bolmagyny we ekologiýa talaplara doly laýyk gelmegini şertlendirýär. Tohumçylyk-seçgi işleri barada aýdylanda, bu ugurda hyzmatdaşlygy ösdürmegiň uly geljeginiň bardygy bellenildi. Şunda ýurdumyzda mekgejöweniň, ýorunjanyň we beýleki däneli ekinleriň ekilýän meýdanlaryny giňeltmek bilen baglanyşykly meselelere möhüm üns berildi. Türkmen halkynyň Milli Lideri obasenagat toplumynda halkara hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine möhüm ähmiýet berilmelidigini, alynýan hasylyň möçberini artdyrmak ugrunda häzirki zaman tejribesiniň işjeň ulanylmalydygyny belledi.

Şeýle hem bu ýerde türkmen topragynda ösdürilip ýetişdirilýän ak bugdaýyň unundan taýýarlanylan çörek we çörek önümleriniň, güneşe baý Diýarymyzyň sahawatly topragynda bitýän bakja we gök önümleriniň, däneli ekinleriň tohumlarynyň sergisi guraldy.

## HALKARA TANS WE FOLKLOR FESTIWALY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Köp sanly tomaşaçylar dünýä halklarynyň ajaýyp aýdym-saz sungatyndan, gadymy saz gurallarynyň jadylaýjy owazyndan lezzet aldylar.

Türkmen artistleriniň ýerine ýetiren «Küştdepdi» tansy bolsa tomaşaçylarda we festiwala gatnaşyjylarda ýatdan çykmajak täsir galdyrdy. Bu gadymy aýdym we tans sungaty 2017-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň görnükli nusgalarynyň sanawyna girizildi.

14-nji iýunda festiwalyň çäklerinde «Daýanç» sagaldyş we dynç-alyş merkeziniň maslahatlar zalynda «Folklor döredijiliginiň we halk tansynyň dessurlary» atly ylmy-amaly maslahat geçirildi.

Halkara ylmy-amaly maslahatyna gatnaşyjylar ilki bilen merkeziň eýwanynda ýaýbaňlandyrylan sergini synladylar. Onda ýurdumyzyň amaly-haşam sungatynyň gymmatlyklary, türkmen tebigatynyň ajaýyplygyny beýan edýän surat eserleri we dürli kitaplar görkezildi.

Maslahatyň dowamynda hormatly Prezidentimiziň başlangyjy boýunça geçirilýän halkara çäresiniň milli medeniýeti ösdürmekde ähmiýetlidigi bellenildi. Şeýle hem maslahata gatnaşyjylar türkmen topragynda mähirli kabul edilendikleri we halkara festiwalyň ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilýändigi üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly



Serdarymyza tüýs ýürekden hoşallyk sözlerini aýtdylar.

Soňra «Awaza-2023» atly halkara tans we folklor festiwaly bu çärä gatnaşýan daşary ýurtly tans hem-de folklor toparlarynyň konserti bilen dowam etdi. Hazar deňziniň kenarynda ýaýbaňlandyrylan joşgunly çykyşlarda dost-doganlygyň, halkara hyzmatdaşlygynda möhüm orun eýeleýän medeni-ynsanperwer gatnaşyklaryň waspy ýetirildi.

Şu gün Hazar deňziniň kenaryndaky ajaýyp interaktiw suw çüwdürimli seýilgäh toplumynyň amfiteatrynda «Awaza – 2023» atly halkara tans we folklor festiwalynyň ýapylyş dabarasy, degişli diplomlaryň gowşurylyşy hem-de döredijilik toparlarynyň bilelikdäki jemleýji konserti bolar.

## TÜRKMENISTAN – ÝUNESKO: 30 ÝYLLYK HYZMATDAŞLYK

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

1995-nji ýylda Parižde Türkmenistanyň ÝUNESKO-nyň ýanyndaky wekilhanasy açyldy. Tähranda ýerleşýän klaster (sebit boýunça) edarasy ÝUNESKO-nyň Türkmenistan bilen alyp barýan işleriniň utgaşdyrylmagynyň meselelerine seredýär. Ýurdumyzda ÝUNESKO-nyň işleri boýunça Türkmenistanyň Milli topary hereket edýär.

Bilşimiz ýaly, ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna 1999-njy ýylda Gadymy Merw döwlet taryhy-medeni ýadygärlikler toplumy, 2005-nji ýylda Köneürgenç şäheri, 2007-nji ýylda bolsa Köne we Täze Nusaý galalary, şeýle hem maddy däl medeni gymmatlyklaryň sanawyna köp sanly milli gymmatlyklarymyz goşuldy. Türkmenistan Bütindünýä mirasynyň sanawyny baýlaşdyrmak maksady arkaly işjeň özara hyzmatdaşlygy dowam edýär. Türkmenistanyň teklibi boýunça dostlukly ýurtlar bilen bilelikde, türkmen keşdeçilik sungaty, ýüpekçilik we dokmaçylykda ýüpek önümçiliginiň däpleri, şeýle hem molla Ependiniň şorta sözlerini gürrüň berijilik däbi ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizildi. Türkmenistan bu guramanyň halkara konwensiýalaryna we köptaraplaýyn şertnamalaryna gatnaşýar.

Şu ýyl Türkmenistan bilen ÝUNESKO-nyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň 30 ýyllygy bellenilýär. Geçen döwürde köp sanly



maddy däl gymmatlygyň abraýly halkara guramanyň sanawyna girizilmegi gazanyldy. Lebap welaýatynyň Taryhy we ülkäni öwreniş muzeýiniň binasynda ÝUNESKO-nyň dünýäde ikinji ýörite burçy açyldy. Magtymguly Pyragynyň golýazmalar ýygyndysy ÝUNESKO-nyň «Dünýä hakydasy» sanawyna girizildi.

Türkmenistan-ÝUNESKO gatnaşyklary bilim ulgamynda hem ösdürilýär. Şonuň netijesinde, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň ikisinde ÝUNESKO kafedralary açyldy, orta mekdepleriň altysy bu guramanyň mekdepler assosiasiýasynyň toruna girizildi.

**Aýjahan MÄLIKGULYÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Ilkinji elektroulag zawodyny açdy

«Ford» kompaniýasy Germaniýanyň Köln şäherinde täze önümçilik desgasyny açdy. Amerikan brendi 2030-njy ýyla çenli Ýewropada satýan ähli awtoulaglarynyň dolulygyna elektrikli bolmagyny maksat edinýär. Zawodda diňe elektroulaglaryň öndüriljekdigi mälim edildi. Kompaniýa 2026-njy ýylyň ahyryna çenli ýyllyk elektroulag önümçiligini dünýäde iki milliona ýetirmegi meýilleşdirýär. «Ford» bu desgany açmak üçin 2 milliard dollar özleşdiripdir. Bu ýerde her ýylda täze nesil elektroulaglaryň 250 müňden gowragy öndüriler.



Iri awtoulag öndürijisi desgalar, logistika we üpjün edijiler bilen bile Ýewropadaky ähli amallaryny 2035-nji ýyla çenli dolulygyna «nol uglerodly» etmegi maksat edinýär. Elektroulag zawodynyň açylyşyna bir asyrdan gowrak wagt ozal kompaniýany esaslandyran Genri Forduň ýuwlugy, dolandyryjy başlygy Bill Ford gatnaşyp, bu desganyň senagatyň ähli görnüşleriniň iň netijeli we daşky gurşawa zyýansyz boljakdygyny belledi. Kompaniýanyň Ýewropa sebitindäki müdiri Martin Sander müşderileriniň nol emissiýaly isleglerini kanagatlandyrýan, programma üpjünçiligi bolan ýokary tehnologiýany durmuşa geçirýändiklerini mälim etdi.

Kompaniýa 2025-nji ýyla çenli Ýewropadaky elektroulag satuwyny 600 müňden geçirmegi meýilleşdirýär.

Geçen ýyl «Tesla» Berlinde iri elektroulag zawodyny gurupdy. «Volvo» kompaniýasynyň Slowakiýada gurluşygy alnyp barylýan elektroulag zawodynyň 2026-njy ýylda açyljakdygy mälim edildi.

**Enejan ALLAMYRADOWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

## Ummanda şäher gurlar

Ýaponiýanyň «N-Ark» kompaniýasynyň wekilleri ummanyň içinde syýahatçylyk, lukmançylyk edaralary, kosmodrom bolan şäheri gurmagy meýilleşdirýändiklerini mälim etdi. «Dogen City» atly şäher klimatyň üýtgemegi bilen suwuň derejesiniň beýgelmegine garşy çydamly bolup, 40 müň ilat üçin niýetlener. Tegelek şekilli «ýüzýän» şäheriň diametri 4 kilometre barabar bolup, bu ýerde 10 müň adam hemişelik ýaşar. Şäher bir wagtda 30 müň syýahatçyny



kabul edip biler. Dürli howa şertlerine we güýçli tolkunlara çydamly boljak suwüsti şäher üç bölekden ybarat bolar. Onuň birinji böleginde esasy ýaşaýyş jaýlary ýerleşer. Bu ýerde ýaşyl zolaklar, azyk önümçilik desgalary, mekdep, sport meýdançalary, hassahanalar, seýilgähler, stadionlar, myhmanhanalar we ofisler göz öňünde tutulypdyr. Şeýle hem şäherde göteriji raketalaryň uçurylýan we gondurylýan meýdançasy hem bolar. Kompaniýa sarp ediljek suwuň we elektrik energiýasynyň şäher içinde öndüriljekdigini mälim etdi. Taslamanyň durmuşa geçiriljek ýeri we bahasy barada maglumat berilmedi.

**Ýulduz NURGELDIÝEWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň mugallymy.*

## Sagdyn durmuş ýörelgesi rowaçlanýar

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyz hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli, ynsanperwer syýasaty netijesinde beýik ösüşleriň ýolunda geljege ynamly gadam urýar. Häzirki wagtda ýurdumyzyň ähli künjeginde bolşy ýaly, Ahal welaýatynyň Tejen etrabynyň çäklerinde hem edara-kärhanalarda, mekdeplerde sagdyn durmuş ýörelgesiniň ähmiýeti, zyýanly endikleriň adam saglygyna ýetirýän ýaramaz täsirleri dogrusynda wagyz-nesihat çäreleri, duşuşyklar geçirilýär. Şeýle çärelerde temmäkiniň adam saglygyna ýetirýän zyýanyny düşündirýän dürli diwarlyklar, wideorolikler, suratlar görkezilýär.

Adam bedeninde temmäkiniň zäherleýji maddalarynyň täsir etmeýän agzasy ýokdur. Temmäki tüssesi arkaly bedene yzygiderli düşýän zäherli maddalar dem alyş ýollarynda, öýkende, nerw ulgamynda kem-kemden näsazlyklaryň, ahyrky netijede bolsa, howply keselleriň döremegine getirýär. Çilim çekýän adamyň göreji ir kütelýär, eşidiş, duýuş we ys alyş ukyplary wagtyndan öň peselýär. Bulardan başga-da, olaryň çagalarynyň arasynda dürli dogabitdi näsazlyklar we kemçilikler bilen dogulmak ähtimallygy ýüze çykýar.

Sagdyn durmuş ýörelgesi adamyň saglygyny goramaga kömek edýär. Adam fiziki we ruhy saglygy barada alada etmek bilen, dürli keselleriň öňüni alyp bilýär. Sagdyn durmuş ýörelgesini alyp barmak hemmeler üçin möhümdir, sebäbi ol sagdynlygy we uzak ömri üpjün edýär. Ýaramaz endiklerden gaça durmak adamyň ömrüni uzaldyp biljek ilkinji we iň möhüm başarnygydyr. Mysal üçin, çilim çekmek saglyga juda zyýanly bolup, öýkende, böwrekde, gyzylödekde keselleriň döremek howpuny ýokarlandyrýar.

Ýaşlaryň arasynda geçirilýän şeýle çäreleriň esasy maksady ynsana çilimiň beden, ruhy taýdan ýetirýän zyýanyny düşündirmekden, sagdyn durmuş ýörelgesini, sporty wagyz etmekden ybaratdyr.

**Juma ATAÝEW,**
*Tejen etrap polisiýa bölüminiň 4-nji bölümçesiniň gözegçisi, polisiýanyň kapitany.*

## Tohum ekýän robot

Peruwda Amazonka tokaýlygynda tohum ekmek üçin robotlardan peýdalanylyp başlandy. Robotyň tokaýyň zeper ýeten ýerlerini gaýtadan dikeltmekde alnyp barylýan işleriň depginini artdyrjakdygy bellenilýär. Gün panelleri bilen enjamlaşdyrylan bu robotlar günuzyn işläp bilýär. Günüň dowamynda bir robot bir futbol meýdançasy ýaly ýere ýetjek 600 töweregi tohum eker.

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Iýun aýynyň 16-sy, 2023
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-111843

Belgisi: 24/1538
Tiražy: 6504
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
elektron poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477



# Arkadag şäheri – ösüşleriň buşlukçysy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygy D.Orazow hem-de ýurdumyzyň wekilçilikli toparynyň agzalary Ýewropanyň birnäçe ýurtlarynda, Türkiýe Respublikasynda we Hytaý Halk Respublikasynda iş saparynda bolup, Arkadag şäherinde gurulmagy meýilleşdirilýän önümçilik desgalarynyň, aýratyn-da, saglygy goraýyş ulgamyna degişli kärhanalaryň gurluşygy boýunça tejribe alyşdylar we bu ugurda bar bolan dünýäniň ösen tejribesini içgin öwrendiler. Ýurdumyzyň çäginde bar bolan çig mallaryň ekologiýa we ýaramlylyk derejesi, ýokary ekologiýa talaplara laýyk gelýän çeşme suwlaryny önümçilik maksady bilen ulanmagyň mümkinçilikleri göz öňünde tutulýar. Şeýle hem häzirki döwürde ýangyç-energetika toplumynyň önümçilik kuwwatlyklarynda işlenip taýýarlanylýan polipropilen önümleriniň hil we ekologiýa derejesiniň dünýäde ýokary baha mynasyp bolýandygyny bellemek ýakymly. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň polipropilen we polietilen önümlerinden taýýarlanan, lukmançylyk edaralarynda yzygiderli ulanylýan sanjym enjamlaryny peýdalanmagyň ägirt uly geljeginiň bardygy bellenildi. Mundan başga-da, gözel Diýarymyzda bar bolan çig maldan lukmançylykda giňden peýdalanylýan derman serişdelerini, dürli erginleri öndürmegiň mümkindigini bellemek gerek. Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda bina ediljek önümçilik kuwwatlyklarynyň, aýratyn-da, lukmançylyk edaralarynyň ýokary hilli gurluşygy bilen bir hatarda, olaryň enjamlaşdyrylyş we üpjünçilik derejesine ýokary derejede üns berler.

Häzirki döwürde milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda, şäherlerde we obalarda, şol sanda Arkadag şäherinde alnyp barylýan işleriň baş maksady halkymyzyň bagtyýar durmuşyny üpjün etmekden, ýurdumyzyň abadançylygyny pugtalandyrmakdan ybaratdyr. Milli Liderimiziň yzygiderli tagallasyndan we yhlasyndan binýat bolan Arkadag şäheri «akylly» şäher bolmak bilen, döwrebap ýaşaýyş toplumyny, durmuş maksatly binalaryň ençemesini özünde jemleýär. Bu şäheriň özboluşly ajaýyplygy onda halkymyzyň bagtyýar ýaşaýşynyň, oňaýly dynç alşynyň we döredijilikli zähmetiniň üpjün edilmegine gönükdirilen giň möçberli işleriň oňyn netijesidir. Munuň özi «Döwlet adam üçindir!» diýen şygary baş ýörelge edinýän döwlet syýasatynyň barha rowaçlanýandygynyň aýdyň beýanydyr.

Şeýle ägirt uly işler halkara jemgyýetçiliginiň hem ýokary bahasyna mynasyp bolýar. Golaýda Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Baş sekretary ýurdumyzda saparda bolup, Arkadag şäheri üçin möhüm güwänamany gowşurdy. Arkadag şäheri «Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň sebitinde durnukly, «ýaşyl», howa üçin oňaýly we innowasion çözgütli şäherleri ösdürmek» taslamasyna goşuldy we bu ugurda degişli güwänama gowşuryldy. Bu hem ýurdumyzda alnyp barylýan giň gerimli özgertmeler maksatnamalarynyň halkara derejede ykrar edilýändigini görkezýär.

Arkadag şäherinde dünýäniň öňdebaryjy gazananlarynyň hem-de döwrebap tehnologiýalaryň, ulag düzümleriniň gurluşygyna toplumlaýyn çemeleşilip, asyrlaryň dowamynda ýurtlary we ykylymlary baglanyşdyrýan ýollary guran halkymyzyň milli tejribesiniň ulanylmagy Watanymyzyň durmuş-ykdysady taýdan depginli ösüşiniň subutnamasydyr. Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, Köpetdagyň ajaýyp tebigy künjegindäki bu giňişligiň oýlanyşykly we döwrebap derejede peýdalanylmagy täze şäheri mundan beýläk-de ösdürmegiň esasy ýörelgesidir.

**Gurbanýaz REJEPOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# BILIM EDARALARYNA SANLY ULGAM ORNAŞDYRYLÝAR

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen ata Watanymyzda dünýä ylmynyň iň täze gazananlaryny we öňdebaryjy tehnologiýalary durmuşa ornaşdyrmagy çaltlandyrmak ugrunda ägirt uly işler alnyp barylýar.

Hormatly Prezidentimiziň ylymly, bilimli, beden taýdan sagdyn, ruhubelent ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmekde berýän maslahatlary, öňe sürýän başlangyçlary ýurdumyzda mynasyp nesilleri kemala getirmekde örän uly ähmiýete eýedir. Üstünlikli amala aşyrylýan toplumlaýyn işler olaryň mazmun baýlygyny has-da artdyrýar. Bu ugurda döwlet Baştutanymyzyň bagtyýar ýaşlarymyzda şöhratly geçmişimize we röwşen geljegimize bolan belent buýsanjy kemala getirmekde edýän taýsyz tagallalary, watançylyk sargytlary mynasyp orun tutýar.

Hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly, jemgyýetimiziň ösüşiniň islendik ugry ylym, bilim bilen baglanyşyklydyr. Ylym ulgamyny ösdürmegiň esasy maksatlarynyň we wezipeleriniň ileri tutulýan ugurlarynyň kesgitlenilmegi bilen bir hatarda, ýaşlary ylma giňden çekmek, olarda talyplyk döwründen başlap, täzeçillige, gözleglere, açyşlara höwes döretmek, aň-bilim mümkinçiligini ýüze çykarmak boýunça ähli oňyn şertler döredilýär.

Bilim ulgamynda täze tehnologiýalaryň işjeň ulanylmagy ýaşlaryň başarnygyny, dünýägaraýşyny, sowatlylyk derejesini has-da artdyrýar. Innowasion tehnologiýalaryň we täze usulyýetleriň okuw işlerine ornaşdyrylmagy sapaklaryň hil derejesiniň hem ýokarlandyrylmagyny üpjün etdi. Elektron sözlükler we ensiklopediýalar, audio we wideo materiallary özünde jemleýän multimediýa okuwlary, kitaplaryň elektron neşirleri, bilim saýtlary, internetiň üsti bilen bu ugurdaky maglumatlar, bularyň bary okuwçylardyr talyplaryň, tutuş halkymyzyň ruhy baýlygyny, başarnygyny artdyrmaga, sagdyn düşünjä eýe bolmagyna, şeýle hem tutuş jemgyýetimiziň ösüşine kuwwatly itergi berdi.

Ösüp gelýän ýaş nesliň hemmetaraplaýyn bilimli, terbiýeli bolmagy we ýaşlaryň dünýä ylmyna çuňňur aralaşmagy ugrunda döwlet derejesinde alada edilýär. Ýurdumyzda dünýä ülňülerine laýyk gelýän orta bilim we mekdep ýaşyna çenli çagalar edaralary döwrebap multimediýa enjamlary, sanly tehnologiýalar bilen üpjün edilýär. Bu bolsa çagalaryň sazlaşykly ösmegi, olaryň döredijilik ukyplarynyň we zehinleriniň kämilleşmegi üçin giň mümkinçilikleri açýar. Umumybilim berýän orta mekdepleriň 1-nji synpyna kabul edilýän çagalara kompýuterleriň gowşurylmagy ýurdumyzda ösüp gelýän ýaş nesilleriň elektron serişdelerini, sanly ulgamy has irki döwürde özleşdirmegini üpjün etmäge gönükdirilendir.

Sanly ulgam adamlaryň, aýratyn-da, ýaşlaryň hyzmatlara, okuw işlerine has giňden hem-de köptaraply esasda aralaşmagyna mümkinçilik döredýär. Milli bilim ulgamyna täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy bu ugurda zerur bolan amatlyklaryň üpjün edilmegini şertlendirýär. Ýurdumyzda ýaýbaňlandyrylan giň möçberli özgertmelere hem-de «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýa-



syna» laýyklykda, ylym, bilim we önümçilik aragatnaşyklary pugtalanýar. Ýokary okuw mekdeplerinde täze hünärler açylyp, inženerçilik-tehniki, tehnologiýa we beýleki zerur ugurlar boýunça okatmagyň usulyýeti kämilleşdirilýär.

Sanly ulgamyň yzygiderli ornaşdyrylmagy ähli ugurlarda ykdysady ösüşi we ýokary öndürijiligi gazanmaga, jemi içerki önümiň düzüminde maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň paýyny artdyrmaga, döwlet dolandyryşynyň netijeliligini ýokarlandyrmaga, esasy önümçilik-ykdysady işleri awtomatlaşdyrmaga, ýokary tehnologiýaly pudaklarda täze iş orunlaryny döretmäge, şeýle hem halkyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da ýokarlandyrmaga giň mümkinçilikleri döredýär.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň bilim edaralarynda elektron kitap gollanmalary, elektron maglumat binýady döredilýär. Orta hünär okuw mekdeplerinde hem mugallymlaryň sapaklara özleriniň ýankompýuterleri bilen gatnaşyp, sapaklarda multimediýa enjamlaryndan we sanly serişdelerden netijeli peýdalanmaklary aýratyn gözegçilikde saklanylýar. Bu babatda mugallymlaryň hünärini kämilleşdiriş okuwlary hem yzygiderli guralýar. Talyplaryň okuw kitaplaryny elektron görnüşde özleriniň şahsy kompýuterlerine ýükläp almaklary üçin hem mümkinçilikler bar. Bu bolsa ýaşlaryň sapaklara özbaşdak taýýarlanmagyny gazanmaga we bilimlerini yzygiderli artdyrmaga şert döredýär. Bilim ulgamynyň ösdürilmegi, ulgama sanly tehnologiýalaryň yzygiderli ornaşdyrylmagy mugallymlaryň alyp barýan okuw işleriniň netijeli häsiýete eýe bolmagyna getirýär. Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň bagtly pursatlaryndan kalby joşgunly ýaş nesiller döredip berýän ajaýyp mümkinçilikleri üçin hormatly Prezidentimize alkyş aýdýarlar.

**Bahar ANNAGELDIÝEWA,**
*Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Harby institutynyň mugallymy.*

# ÇAGALAR – ÝURDUMYZYŇ GELJEGI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Şonuň üçin ýurdumyzyň haýsy künjegine barsaň, gapylaryny giňden açýan çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezlerinde çagalaryň şadyýan sesleriniň hem-de gülküleriniň belent ýaňlanýandygynyň, şol sapaly ýerlerde olaryň wagtlarynyň hoş geçýändiginiň şaýady bolýarsyň.

Häzirki döwürde ýurdumyzda çagalaryň tomusky dynç alşyny guramak, sagdyn ösmeklerini üpjün etmek maksady bilen giň gerimli işler amala aşyrylýar. Şu günler mekdep okuwçylarynyň tomusky dynç alşy dynç alyş we sagaldyş merkezlerinde hem-de dynç alyş meýdançalarynda şatlykly geçýär. Mekdep okuwçylarynyň käbiri öz boş wagtynda oba gezelenje gitse, käbiri öýde ene-atasyna kömek edýär, öz söýgüli güýmenjeleri bilen meşgullanýar. Käbir çaga öz tomusky dynç alşyny ýurdumyzdaky dynç alyş merkezlerinde geçirýär. Ol ýerde öz deň-duşlary bilen oýnap, dürli ýaryşlara gatnaşyp, özara bäsleşýär.

Iň döwrebap çagalar toplumlary Gökderede we Awazada ýerleşýär. Ýurdumyzyň dynç alyş merkezleriniň ählisinde bolşy ýaly, bu ýerde hem çagalaryň doly derejede dynç almagy, beden taýdan taplanmagy, aň-paýhas hem döredijilik taýdan ösmegi, täze dost tutunyp, dogduk ülkäniň medeniýeti, däp-dessurlary, taryhy we tebigaty barada düşünjesini artdyrmaklary üçin ähli şertler döredilendir.

Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Mede-



niýet ministrligi, Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komiteti, Kärdeşler arkalaşygynyň Milli merkezi, Ýaşlar guramasy, beýleki pudaklaýyn edaralar we guramalar tarapyndan çagalaryň gyzykly we netijeli dynç almagy üçin maksatnamalar taýýarlanypdyr.

Çagalar futbol, basketbol, woleýbol, suwda ýüzmek, welosiped sporty, stoluň üstünde oýnalýan tennis, şaşka, küşt we düzzüm boýunça dürli bäsleşiklere höwes bilen gatnaşýarlar. Belli türgenlerdir tälimçiler, artistlerdir telewideniýede gepleşik alyp barýanlar, nakgaşlar, alymlar, ýazyjylar we ekologlar olar bilen duşuşyk geçirýärler. Paýtagtymyzyň teatrlarynyň artistleri, aýdym-saz we tans toparlary olaryň öňünde çykyş edýärler. Çagalar Janly tebigatyň milli muzeýine, paýtagtyň sergi merkezlerine, seýilgählerdir dynç alyş merkezlerine gezelenç edýärler.

Çagalaryň sazlaşykly ösüşine, intellektual, beden we döredijilik taýdan ösen nesli kemala getirmäge ýardam etmek – ertirki günümiz baradaky aladadyr. Çagalar üçin multimediýa tehnologiýaly çagalar baglarynyň we mekdepleriň, sport we dynç alyş toplumlarynyň, lukmançylyk hyzmatlary merkezleriniň gurulmagy, bilim, terbiýe we durmuş ulgamynyň kämilleşdirilmegi çagalaryň geljeginiň hatyrasyna amala aşyrylýan işlerdir.

Çagalaryň wagtlaryny bagtyýar, şadyýan we manyly geçirmegi, olary sport we döredijilikli dynç alşyň täsin dünýäsine aralaşdyrmak maksady bilen dynç alyş we sagaldyş merkezlerinde uly ýaşly adamlar arman-ýadaman zähmet çekýär. Her ýyl ýurdumyzyň hünärmenleri ýaş nesliň dynç alşynyň ähli ugurlaryny öz içine alýan meýilnamany bilelikde işläp düzýärler. Şol esasda tomus paslynyň şu ajaýyp günlerinde ýurdumyzyň bagtyýar çagalary Gökderede, Awazada ýerleşýän çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezlerinde, şeýle hem Ahal, Balkan, Mary, Lebap, Daşoguz welaýatlaryna degişli çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezlerinde tomusky dynç alyş möwsümini şadyýan geçirýärler. Bu merkezlerde çagalaryň dynç almagy üçin ähli şertler döredilen. Ýurdumyzyň welaýatlarynda çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezleri işjeň hereket edýär.

Çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezleriniň işine ýurdumyzyň tejribeli mugallymlary, şeýle hem terbiýeçiler çekilýär. Şeýle hem bu döwürde ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplary hem çagalaryň tomusky dynç alyş möwsümine özleriniň mynasyp goşandyny goşýarlar. Şeýle ýokary okuw mekdepleriniň biri hem Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutydyr. Bu baýry ýokary okuw mekdebiniň talyplary çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezlerinde bolup, mekdep okuwçylarynyň tomusky dynç alşyny şadyýan geçirmegine ýardam edýärler. Olar bu ýerlerde bolup öz hünärlerini kämilleşdirýärler, çagalara bilim-terbiýe bermek babatda özleriniň tejribesini artdyrýarlar.

**Arslan MUHAMMETDURDYÝEW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.*

# Raýat awiasiýasynyň rowaç menzilleri

Mälim bolşy ýaly, häzirki zaman köpşahaly ulag-kommunikasiýa ulgamyny döretmek Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Bu syýasat bolsa ýurdumyzyň durmuş-ykdysady taýdan okgunly ösüşini üpjün etmäge hem-de ählumumy abadançylygyň bähbidine sebitleýin we halkara hyzmatdaşlygyny ýola goýmaga gönükdirilendir. Biziň ýurdumyz Gündogary we Günbatary, Demirgazygy we Günortany baglanyşdyrýan ýollaryň strategiki çatrygynda amatly ýerleşmek bilen, ägirt uly üstaşyr kuwwata eýedir.

Häzirki wagtda «Türkmenhowaýollary» agentliginiň awiaparkynyň üsti dünýäniň esasy önüm öndürijileriniň uçarlarynyň hem-de dikuçarlarynyň hasabyna ýetirilýär. Soňky ýyllarda onuň üsti ygtybarly «Boeing» uçarlary we dünýä belli beýleki tehnikalar bilen ýetirildi we ýetirilýär.

Uçarlaryň täze görnüşleriniň satyn alynmagy ýurdumyzyň raýat awiasiýasynyň kuwwatynyň artýandygyna şaýatlyk edýär.



«Türkmenistanyň raýat awiasiýasyny ösdürmegiň 2012-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyny» üstünlikli durmuşa geçirmegiň çäklerinde hormatly Prezidentimiziň gol çeken resminamalaryna laýyklykda, Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň «Türkmenhowaýollary» agentligine 4 sany «Boeing 737-8» we 2 sany «Boeing 777-367/ER» kysymly howa gämisini satyn almaga ygtyýar berildi.

Şeýle hem ýurdumyzyň howa flotunyň maddy-tehniki binýadynyň giňeldilmegi ýurdumyzyň geografik taýdan amatly ýerleşmeginiň artykmaçlyklaryny doly peýdalanmaga gönükdirilendir. Munuň özi Diýarymyzyň yklym derejeli iri üstaşyr ulag geçelgesi hökmünde ornuny pugtalandyrýar, halkara söwdany ösdürmek üçin uly mümkinçilikleri açýar. Şunuň bilen baglylykda, «Türkmenhowaýollarynyň» Merkezi Aziýada ilkinji bolup, «Airbus A330-200P2F» kysymly uçarlary satyn alandygyny bellemek gerek. Şunuň ýaly häzirki zaman uçarlarynyň satyn alynmagy milli raýat awiasiýasynyň mümkinçiliklerini giňeltmäge, bu ugurdaky islegi kanagatlandyrmaga, howa ýük gatnawlaryny ýokary derejede amala aşyrmaga hem-de hyzmatdaş döwletler bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary ösdürmek üçin amatly şertleriň döredilmegine ýardam berer.

Soňky ýyllarda ýurdumyzyň raýat awiasiýasy ýokary depginlerde ösýär hem-de milli ykdysadyýetimiziň esasy pudaklarynyň hatarynda mynasyp orny eýeleýär. «Türkmenistanyň raýat awiasiýasyny ösdürmegiň 2012 – 2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda» kesgitlenen wezipeleri ýerine ýetirmek bilen, ýurdumyzyň howa ulaglary pudagynyň işgärleri ýolagçy we ýük gatnawlary boýunça tabşyryklary üstünlikli berjaý edýärler. Maksatnamanyň durmuşa geçirilmegi bar bolan önümçilik kuwwatlyklarynyň giňeldilmegini, pudagyň iň täze enjamlar, ýokary derejeli hünärmenler bilen üpjün edilmegini, häzirki zaman uçarlarynyň satyn alynmagyny, ýolagçylara hödürlenilýän hyzmatlaryň medeniýetiniň we hiliniň, uçuşlaryň howpsuzlygynyň ýokarlandyrylmagyny göz öňünde tutýar.

**Merjen AKMURADOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Magtymguly Pyragy ynsan kalbynyň öçmejek nury

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda türkmen halkynyň akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň döredijiligi ylmy esasda öwrenilýär we dünýä wagyz edilýär.

Häzirki wagtda türkmen halky Magtymguly atamyzyň arzuwlan zamanasynda ýaşaýar. Gahryman Arkadagymyzyň tagallasy bilen, 2014-nji ýylda Magtymguly Pyragynyň 290 ýyllygy bellenildi. 2024-nji ýylda hem Arkadagly Serdarymyzyň baştutanlygynda akyldar şahyrymyzyň doglan gününiň 300 ýyllygy ýokary derejede belleniler. Munuň özi nusgawy edebiýatymyza, Magtymguly Pyraga goýulýan belent sarpadan nyşandyr.

Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň döredijiligi nusgawy edebiýatymyzyň gymmatly mirasy bolup, nesillerden-nesillere geçip gelýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda milli mirasymyzy öwrenmek, olary dünýä halklarynyň arasynda tanatmak babatda uly işler durmuşa geçirildi. Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda durmuşa geçirilýän medeni diplomatiýanyň üstünliklere beslenýändigi, görnükli nusgawy şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň döredijiligini öwrenmek, wagyz etmek, aýap saklamak boýunça alnyp barylýan işleriň üstünliklere beslenýändigi örän guwandyryjy ýagdaýdyr. 10-24-nji maý aralygynda Pariž şäherinde geçirilen ÝUNESKO-nyň Ýerine ýetiriji geňeşiniň 216-njy mejlisinde Magtym-




guly Pyragynyň golýazmalar toplumyny bu guramanyň «Dünýäniň hakydasy» maksatnamasynyň halkara sanawyna girizmek hakyndaky çözgüdiň biragyzdan kabul edilendigi baradaky habar halkymyzy begendirdi.

Görnükli türkmen şahyry we akyldary Magtymguly Pyragynyň golýazmalar toplumynyň «Dünýäniň hakydasy» maksatnamasynyň halkara sanawyna girizilmegi we Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllyk ýubileýiniň ÝUNESKO-nyň şanly seneleriniň sanawynda orun almagy beýik söz ussadynyň gymmatly mirasynyň has-da giňden öwrenilmegine, şahyryň döredijiliginiň üsti bilen, türkmen halkynyň milli, edebi gymmatlyklarynyň has çuňňur tanalmagyna ýardam berer. TÜRKSOÝ guramasynyň medeniýet ministrleriniň hemişelik geňeşiniň 39-njy mejlisinde 2024-nji ýyly «Türki dünýäsiniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragynyň ýyly» diýip yglan etmek hakyndaky çözgüdiň kabul edilmegi beýik söz ussadynyň döredijiligine uly hormatyň we gyzyklanmanyň nyşanydyr. Bu üstünlikler hormatly Prezidentimiziň türkmen halkynyň edebi mirasynyň giňden ýaýbaňlandyrylmagynyň, medeni we ylmy diplomatiýasynyň üstünliklere beslenýändiginiň nobatdaky subutnamasydyr.

Gahryman Arkadagymyz «Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi» atly kitabynda: «Ruhy baýlyk ebedi ýaşaýar. Magtymguly akyldaryň mirasy hem şeýle baýlykdyr. Halkymyzyň hakydasynda ýaşaýan, zandyna ornan mirasdyr» diýip nygtap geçýär. Akyldar şahyryň çuňňur pelsepä ýugrulan goşgulary ýaş nesilleri terbiýelemekde, milli ýörelgeleri wagyz etmekde gymmatly çeşmedir. Magtymguly Pyragy edep-terbiýe hakynda söz açanda, öz döwürdeşlerine we özünden soňky ýaş nesillere dogruçyllyk, päkniýetlilik, halallyk ýaly türkmen halkyny bezeýän asylly sypatlary ündeýär. Bu babatda Milli Liderimiz: «Magtymguly döwürdeşlerini, halky adalatly jemgyýetiň, bagtly ýaşaýşyň gözbaşynyň nämedigine düşünmäge, millet hökmünde özüni tanatmaga ugrukdyrdy. Öz iliniň asuda, parahat durmuşda ýaşamagyny, ylymly-bilimli bolmagyny, medeniýetiniň beýgelmegini arzuwlan beýik şahyr halkyna pähim-parasatdan we şirin duýgulardan püre-pür bolan ajaýyp şygyrlar hazynasyny miras galdyrdy» diýip belleýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe akyldar şahyryň mirasyny öwrenmäge, wagyz etmäge möhüm ähmiýet berilýär. Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, Magtymguly Pyragy ynsan kalbynyň öçmejek nurudyr.



**Döwlet ABDYÝEW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.*

# Ýurdumyzyň ykdysady ösüşi artýar

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bedew bady bilen öňe barýan ýurdumyzyň abraýy älem-jahana dolýar. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň taryhy başlangyçlarynyň hormatly Prezidentimiz tarapyndan mynasyp dowam etdirilmegi netijesinde döwletimiz içeri we daşary syýasatda uly üstünliklere eýe bolýar. Häzirki wagtda ata Watanymyzyň dünýäniň köp ýurtlary bilen dost-doganlyk gatnaşyklaryny alyp barýandygy biziň kalbymyzyň buýsanç duýgusyny al-asmana galdyrýar.

2023-nji ýylyň ýeňişli ýoly dowamat dowam bolýar. Bu ýylyň Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň taryhyna altyn harplar bilen ýazylýan uly zähmet ýeňişleri, şanly wakalary guwanjymyzy goşalandyryp, täze üstünliklere ruhlandyrýar. Hormatly Prezidentimiziň ynsanperwer, parahatçylyk söýüjilikli içeri we daşary syýasatynyň, jemgyýetimiziň ýagty geljegine ynamy il-günümizi täze sepgitlere ýetirýär.



Üstümizdäki ýylda hem ata Watanymyzyň ykdysady kuwwatyny artdyrmakda uly işler bitirilýär. Ýurdumyzyň dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna goşulmagynda uly üstünlikler gazanylýar.

Arkadagly Serdarymyzyň parasatly başlangyçlary bilen şu ýyl üçin kabul edilen maksatnamalaryň, öňde goýlan anyk wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilýändigini aýratyn bellemek gerek. Bu barada ýakynda hormatly Prezidentimiziň sanly ulgam arkaly geçiren Ministrler Kabinetiniň mejlisinde hem anyk maglumatlar berildi.

Oňa laýyklykda, şu ýylyň bäş aýynda maksatnamalaýyn çäreleriň üstünlikli durmuşa geçirilmegi bilen, ýanwar-maý aýlarynyň netijeleri boýunça jemi içerki önümiň durnukly ösüşi üpjün edildi. Bölek-satuw haryt dolanyşygynyň möçberi, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 9,3 göterim, daşary söwda dolanyşygynyň möçberi bolsa 7,2 göterim ýokarlandy. Maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna özleşdirilen düýpli maýa goýumlaryň möçberi, 2022-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 27,7 göterim artdy. Bellenilişi ýaly, şu ýylyň başyndan bäri Oba milli maksatnamasyny durmuşa geçirmegiň çäklerinde ýurdumyz boýunça durmuş maksatly binalaryň we desgalaryň, ýaşaýyş jaýlarynyň, suw, lagym arassalaýjy desgalaryň, inženerçilik ulgamlarynyň gurluşyklary alnyp baryldy. Umuman ýurdumyzda ähli pudaklarda hem görnetin ösüşler gazanylýar. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, şu ýylyň bäş aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri ýurdumyzyň kabul edilen maksatnamalara laýyklykda ösmegini dowam etdirýändigini görkezýär. Munuň özi Arkadagly Serdarymyzyň baştutanlygynda ähli halkymyzyň agzybirlikde, jebislikde eziz Watanymyzyň batly depginler bilen gülläp ösmegine özleriniň mynasyp goşantlaryny goşýandyklarynyň aýdyň subutnamasydyr.

**Aýgül BERDIÝEWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## DÜNÝÄ HABARLARY
### gysga setirlerde



**«Samsung»-yň täze smartfony.** «Samsung» «Galaxy F54 5G» smartfonyny resmi taýdan tanyşdyrdy. «Galaxy A54 5G»-niň kämilleşdirilen nusgasy has dury kamera we uly batareýa eýe boldy. Hindistanda tanyşdyrylan bu smartfonyň bahasy 340 dollar.



**Iň uzyn saz ýazdy.** Hindi ýazyjysy Jadagadiş Pillai taryhdaky iň uzyn saz tregini ýazyp, Ginnesiň rekordlar kitabyna girdi. Ol 15 müň beýtlik «Ramaçaritamanas» epiki poemasyna saz ýazdy. Netijede, 138 sagat 41 minut 20 sekunt uzynlykdaky trek emele geldi. Eseri döretmek üçin ol dört ýyldan gowrak wagt sarp etdi.



**Energiýa elýeterliliginde öňde.** Islandiýa ilat üçin elektrik energiýasynyň elýeterliligi babatda Ýewropa ýurtlarynyň sanawynda birinji orny eýeleýär. Maglumatlara görä, ikinji orunda Niderlandlar, üçünji orunda Lihtenşteýn bar. Sanawy Moldawiýa, Rumyniýa we Çehiýa jemleýär.



**Iki rekord täzelendi.** Hindistanda köpçülikleýin nikadan geçmek boýunça dünýä rekordlarynyň ikisi täzelendi. Bir wagtda ýaş çatynjalaryň 2 müň 143 jübüti nikadan geçdi. Ýurduň Rajastan ştatynyň Baran şäherinde bolan bu waka Ginnesiň rekordlar kitabynyň wekilleri tarapyndan hasaba alyndy.



**Söweşiji bolandygy anyklandy.** Beýik britaniýaly müsürşynaslar rowaýaty faraon Tutanhamonyň keselbent bolandygy baradaky çaklamany ýalana çykardylar. Barlaglarda onuň batyrgaý urşujy bolup, söweşlere gatnaşandygy anyklandy. 19 ýaşynda aradan çykan faraon miladydan ozal, 1332-1323-nji ýyllarda ýurdy dolandyrypdyr.



**40 günden soň tapyldy.** Kolumbiýaly dört çaga geçen aý bolan uçar heläkçiliginden soň Amazon jeňňelliginde 40 gününi geçirdi. Olar 1-nji maýda bolan uçar heläkçiliginden aman galanlardy. 1 ýaşdan 13 ýaş aralygyndaky çagalar 9-njy iýunda halas edijiler tarapyndan tapylandan soň Bogotadaky hassahanalaryň birine ýerleşdirildi.



**Planetara stansiýasyny uçurmakçy.** BAE-niň Kosmos agentligi 2028-nji ýylyň mart aýynda Mars we Ýupiter orbitalarynyň arasynda ýerleşýän esasy asteroidler zolagyna «MBR Explorer» planetara awtomatik stansiýasyny uçurmagy meýilleşdirýär. Maglumatlara görä, zonduň uçuşy olardan 150 kilometre çenli uzaklykda amala aşyrar.



**Milli pul birligini çykarar.** Gyrgyzystan ýakyn geljekde milli puluň banknotlaryny ýurduň içinde çap edip başlar. Bu ugurda degişli işler alnyp barylýar we zerur enjamlar satyn alyndy. Bu barada Gyrgyzystanyň Prezidenti Sadyr Japarow milli puluň dolanyşyga girizilmeginiň 30 ýyllygyna bagyşlanan dabarada aýtdy.



**100 gün suwuň astynda.** Amerikaly alym Jozef Dituri 100 gün suwasty myhmanhanada ýaşandan soň ýokary çykdy. Günorta Florida uniwersitetiniň professory Dituri «Jules'Undersea Lodge» suwasty myhmanhanasynda 100 gün boldy. Floridanyň Ki-Largo sebitindäki bu myhmanhana, 6,7 metr çuňlukda ýerleşýär.

**2023-nji ýylyň Ýewropa agajy.** Polşanyň Lodz şäherinde ösüp oturan «Fabrikant» atly dub agajy «2023-nji ýylyň Ýewropa agajy» baýragyna mynasyp boldy. «180 ýaşly bu agajyň ýeňiş gazanmagy üçin 46 müň töweregi adam ses berdi» diýip, «euro-pulse.ru» saýty habar berýär. Bu agajyň 33 metrlik ýaýbaň şahalary bar.



# Maýk Pens ABŞ-nyň prezidentligine dalaş etmekçi

**ABŞ-nyň öňki wise-prezidenti Maýk Pens 2024-nji ýylyň noýabr aýynda geçiriljek indiki prezident saýlawlaryna gatnaşmak üçin resminamalaryny tabşyrdy. Degişli maglumatlar ABŞ-nyň Federal saýlaw komissiýasynyň web sahypasynda mälim edildi.**

**Maýk Pens Respublikan partiýasyna wekilçilik edýär. Ol respublikaçylaryň adyndan prezidentlige dalaşgär görkezilmegini gazanmak isleýär. Şeýle-de, prezidentlige ABŞ-nyň öňki prezidenti Donald Tramp, Florida ştatynyň gubernatory Ron Desantis, ABŞ-nyň BMG-däki öňki ilçisi Nikki Heýli, Günorta Karolina ştatynyň senatory Tim Skott we beýleki syýasatçylar dalaş ederler.**

**NBC teleýaýlymy ozal Maýk Pensiň ýurduň prezident saýlawlarynyň öň ýanyndaky kampaniýasyna resmi taýdan goşulmak isleýändigini habar beripdi.**

**ABŞ-nyň indiki prezident saýlawlary 2024-nji ýylyň noýabr aýynda geçiriler. 25-**



**nji aprelde ABŞ-nyň häzirki Prezidenti, demokrat Jozef Baýden hem ýokary hökümet wezipesine gaýtadan saýlanylmaga dalaş etjekdigini aýdypdy.**

# Parlament saýlawlarynda ýeňiş gazandy

11-nji iýunda Çernogoriýada geçirilen parlament saýlawlarynda «Ýewropa häzir» hereketi, Çernogoriýanyň öňki Prezidentiniň ýolbaşçylyk edýän Sosialistik-demokratik partiýasyndan öňe saýlanyp, sesleriň dörtden birinden gowragyna eýe boldy. Bir ýyl mundan ozal döredilen we ýurduň Ýewropa Bileleşigine goşulmagyny goldaýan bu hereket ýurtda möhletinden öň geçirilen parlament saýlawlarynda ýeňiş gazandy. Şeýle-de bolsa, «Ýewropa häzir» hereketiniň özbaşdak hökümet gurmak üçin ýeterlik goldawy ýok. Çernogoriýanyň merkezi çepçi Sosialistik-demokratik partiýasynyň ýolbaşçylygyndaky «Bilelikde! Size degişli geljek üçin» koalisiýasy ikinji orny eýeledi.

Maglumatlara görä, «Ýewropa häzir» hereketi, takmynan, 26% (23 orun), Sosialistik-demokratik partiýa 23% (22 orun) sese eýe boldy. Galan sesler, saýlawlaryň ýeňijileri bilen garaşsyz bäsleşip bilmejek köp sanly syýasy partiýalaryň arasynda deň paýlanar. Bu syýasy çärede 90-njy ýyllaryň başynda ýurtda köp partiýaly ulgam ornaşdyrylaly bäri saýlawçylaryň iň pes gatnaşygy (56,4%) hasaba alyndy.

Ýurdy 30 ýyllap dolandyran Sosialistik-demokratik partiýanyň öňki lideri Milo Jukanowiç aprel aýynda geçirilen Prezident saýlawlarynda «Ýewropa häzir» hereketi-




niň başlygynyň orunbasary Ýakow Milatowiçden asgyn geldi. Saýlawlarda ýeňiş gazanan partiýanyň başlygy Miloýko Spaiç täze hökümetiň tiz dörediljekdigini mälim etdi, ýöne ýerli bilermenler munuň ýeňil düşmejekdigini öňe sürýärler. Maglumatlara görä, häzirki wagtda Çernogoriýada 630 müňden gowrak adam ýaşaýar.

# Dünýäniň ykdysady ösüşi ýokarlanar

Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasy (OECD) 2023-nji ýylda dünýäniň ykdysady ösüşi baradaky çaklamasyny gowulandyrýar. Dünýäniň jemi içerki önümi we ýewro zolagyň ykdysadyýetiniň ösüşi baradaky çaklama 0,1% ýokarlandy. Gurama, energiýa göterijileriň bahalarynyň arzanlamagy sebäpli hümmetsizlenmegiň haýallandygyny belleýär.

Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasy (OECD) 2023-nji ýylda global jemi içerki önümiň 2,7% ýokarlanmagyna, mart aýynda çap edilen öňki çaklamadan 0,1% punkt ýokarlanmagyna garaşýar.

Golaýda çap edilen täze hasabata görä, 2024-nji ýylda global jemi içerki önümiň ösüşi 2,9%-e ýetip biler. «Dünýä ykdysadyýetindäki ýagdaý gowulanýar, ýöne dikeldiş gowşaklygyna galýar. Energiýa geçirijileriň has arzan bahasy, umumy hümmetsizlenmegiň gowşamagyna ýardam berýär» - diýlip, hasabatda bellenilýär.



Guramanyň çaklamalaryna görä, şu ýyl Hindistanyň (6%) we Hytaýyň (5,4%) ykdysadyýeti öser. Ýewrozolagyň jemi içerki önümi 0,9% ýokarlanar, ýewropalylaryň arasynda Italiýa (1,2%) we Fransiýa (0,8%) öňde barýar. ABŞ-nyň ykdysadyýetiniň ösüşine 1,6% derejede garaşylýar.

# Merkezi bankyň ilkinji zenan ýolbaşçysy

**Türkiýäniň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdogan Respublikanyň Merkezi bankynyň täze başlygy wezipesine Hafize Gaýe Erkany belledi. Merkezi bankyň öňki başlygy Şahap Kawjyoglu Türk bankynyň kadalaşdyryş we gözegçilik geňeşiniň başlygy wezipesine bellendi. Şeýlelikde, Hafize Gaýe Erkan Türkiýäniň Merkezi bankyna ýolbaşçylyk edýän ilkinji zenan boldy. Inžener we matematigiň gyzy Hafize Gaýe Erkan Türkiýedäki Bogaziçi uniwersitetini tamamlady, soňra ABŞ-nyň Prinston uniwersitetinde okuwyny dowam etdirdi. Ol ýerde, bir ýylda maliýe inžiniringi boýunça iki ýyllyk doktorlyk dissertasiýasyny gorap, «iň ýaş maliýe professory» derejesine eýe bolan ilkinji talyp boldy. Soňra ol Garward we Stenford uniwersitetlerinde maliýe ugrundan goşmaça bilim aldy.**



**Hafize Gaýe Erkan özüniň professional karýerasyny «Goldman Sachs» maýa goýum bankynda başlady, soňra ol «First Republic» bankynyň wise-prezidenti boldy. Şeýle hem bankyň maýa goýum bölüminiň başlygy we töwekgelçilikleri dolandyrmak boýunça egindeş başlygy wezipelerinde işledi. Onuň işlän döwründe bankyň aktiwleri 25-30 milliard dollardan 250 milliard dollara çenli ýokarlandy.**

**Hafize Gaýe Erkan iki ýyllap «Tiffany & Co» şaý-sepler kompaniýasynyň direktorlar geňeşiniň agzasy we «Marsh McLennan» global maliýe maslahat beriş kompaniýasynyň direktorlar geňeşiniň agzasy boldy.**

**Hafize ABŞ-daky başarnykly işewür durmuşy sebäpli «Ajaýyp türk gyzy» hökmünde meşhurlyk gazandy. Onuň «San Francisco Business Times»-yň 2018-nji ýyldaky barlaglarynda Amerikanyň iň gowy 100 bankynda baş müdir bolup işlän 40 ýaşa ýetmedik ýeke-täk zenandygy bellenilýär. Şeýle hem Erkan «Crain New York Business 40» sanawyna hem girmegi başardy. Mundan başga-da, ol ABŞ-nyň Prinston uniwersitetiniň amallaryň barlaglary we maliýe inžiniringi bölüminiň geňeşiniň agzasydyr.**

# Ýylyň meşhur telekeçisi

Monakoda guralan dabarada Beýik Britaniýanyň «Ernst & Young» maslahat beriş kompaniýasynyň «Ýylyň meşhur telekeçisi – 2023» halkara bäsleşiginiň ýeňijisi yglan edildi. Ol ýarymgeçirijileri öndürmek üçin möhüm düzüm bölegi bolan kremniý plastinasyny öndürýän Taýwanyň «GlobalWafers» kompaniýasynyň baş müdiri we müdirler geňeşiniň başlygy hanym Doris Hsu boldy.

Bu çäre «Ýylyň telekeçisi» maksatnamasynyň iň ýokary derejesi hasaplanýar. Bu bäsleşik öz ideýalary, yhlasy we üstünlikleri bilen başgalara ylham berýän adamlaryň işewürlik işiniň üstünligini ykrar etmäge mümkinçilik berýär. Şeýle görnüşli ilkinji we ýeke-täk bäsleşik hökmünde «Ýylyň meşhur telekeçisi – 2023» milli we halkara derejesinde üstünlikli, çalt depginde ösýän kompaniýalaryň esaslandyryjylarynyň we ýolbaşçylarynyň hyzmatyny ykrar etmäge gönükdirilendir.




«Ernst & Young»-yň «Ýylyň meşhur telekeçisi – 2023» bäsleşigi innowasion ösüşi, gülläp ösüşi goldamak maksady bilen dünýämizi özgerdýän işewürler üçin abraýly halkara bäsleşigidir. Dünýäniň 60-dan gowrak döwletiniň 145-den gowrak şäherinde sebitleýin we milli tapgyrlaryň ýeňijileri, adatça, Monakoda geçirilýän halkara finalda «Dünýäniň iň gowy telekeçisi» ady ugrunda bäsleşiklerini dowam etdirýärler.

# Silwio Berluskoni aradan çykdy

Italiýanyň öňki Premýer-ministri, dünýä belli syýasatçy, işewür, media hojaýyny Silwio Berluskoni Milanyň «San-Raffaele» hassahanasynda 86 ýaşynyň içinde aradan çykdy. Soňky ýyllarda italiýaly syýasatçynyň saglyk ýagdaýy ýaramazlaşypdy. Ol ýürekden operasiýa geçirdi we COVID-19 bilen keselledi. Aprel aýynda öňki Premýeriň leýkemiýa bilen keselländigi habar berildi.

1936-njy ýylyň 29-njy sentýabrynda Milan şäherinde dünýä inen Berluskoni Italiýanyň Premýer-ministri wezipesini 1994-1995, 2001-2005, 2005-2006 we 2008-2011-nji ýyllarda dört möhlet ýerine ýetirdi. Umumylykda, ol Italiýanyň Premýer-ministri wezipesinde 10 ýyl töweregi işledi.

«Forbes» neşiriniň maglumatlaryna görä, Berluskoni Italiýanyň iň barjamly adamy bolup, onuň baýlygy 2006-njy ýylda ABŞ-nyň 9 milliard dollary möç-



berinde bahalandyryldy. Özboluşly şahsyýet hökmünde tanalýan Berluskoni «Fininvest» holdinginiň, şol sanda «Mediaset» media kompaniýasynyň eýesidi.

Italiýanyň öňki Premýer-ministri Silwio Berluskoni 14-nji iýunda Milanyň kafedral soborynda jaýlandy.

# IKITARAPLAÝYN HYZMATDAŞLYK ÖSDÜRILÝÄR

Gyrgyzystanyň Prezidenti Sadyr Japarow resmi sapar bilen ýurda gelen ÝUNESKO-nyň baş müdiri Odre Azuleni kabul etdi. Gyrgyzystanyň Prezidentiniň metbugat gullugynyň habaryna görä, maslahatda howanyň üýtgemeginiň ýaramaz netijeleriniň öňüni almak, medeni we taryhy mirasy gorap saklamak we ösdürmek boýunça hyzmatdaşlygyň meseleleri barada pikir alşyldy.

Sadyr Japarow Gyrgyzystanyň ÝUNESKO bilen hyzmatdaşlykda, hususan-da bilim we ylym pudaklarynda halkara gatnaşyklarynyň giňelmegine uly ähmiýet berýändigini belledi. Prezident, tehnologiýa we sanly innowasiýalary ulanmak boýunça sebitleýin başlangyçlaryň çäginde, esasan hem, Merkezi Aziýada milli döredijilik pudagyny ösdürmekde ÝUNESKO-nyň goldawyna umyt bildirdi. Sadyr Japarow soňky onýyllyklaryň dowamynda Gyrgyzystanyň daglyk ýurtlaryň durnukly ösüş meselelerini we howanyň üýtgemeginiň ýaramaz netijelerine garşy halkara sahnasynda işjeň goldawçydygyny ýatlatdy.

ÝUNESKO-nyň baş müdiri bildirilen myhmansöýerlik üçin Gyrgyzystanyň Prezidentine hoşallyk bildirdi we Gyrgyzystana ilkinji gezek gelmeginiň özi üçin uly hormatdygyny aýtdy. Odre Azule Gyrgyzystanyň ÝUNESKO bilen hyzmatdaşlykda adamzadyň medeni we taryhy mirasyny gorap saklamakdaky işjeň ornuny kanagatlanma bilen belläp geçdi. Ol Gyrgyzystanyň taryhy we medeni ýadygärliklerini geljekki nesiller üçin gorap saklamagyň möhümdigini belläp, ýurtda maddy däl mirasyň köpdügine ünsi çekdi.

Duşuşygyň ahyrynda ÝUNESKO-nyň baş müdiri Odre Azule Gyrgyzystanyň Prezidenti Sadyr Japarowa meşhur manasçy Sagymbaý Orozbakowyň göçürip alan «Manas» eposynyň golýazmasynyň guramanyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilendigi baradaky şa-



hadatnamany gowşurdy. Taraplar Gyrgyzystan bilen ÝUNESKO-nyň arasyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmäge taýýardyklaryny mälim etdiler.

Ýatlap geçsek, 2013-nji ýylda ÝUNESKO-nyň maddy däl medeni mirasy goramak boýunça Hökümetara komiteti «Manas, Seýtek, Semeteý» atly gyrgyz epiki trilogiýasyny Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna goşdy. Häzirki günlere çenli Gyrgyzystanda bu eseri dolulygyna ýatdan bilýän manasçylar bar. Manas eposyny Sagymbaý Orozbakow (1867-1930) we Saýakbaý Karalaýew (1894-1971) gyrgyz manasçylaryndan ýazyp alyp, häzirki döwre ýetiripdirler.

# TARYHDA ŞU GÜN

**1903-nji ýylyň 16-njy iýunynda amerikan inženeri Genri Ford maýadarlaryň goldawy bilen öz awtoulag kompaniýasy bolan «Ford Motor Company»-ni esaslandyrdy we soňra ol dünýäde iň uly kompaniýalaryň birine öwrüldi. «Ford» kompaniýasy başda iki, dört we soňra alty silindrli hereketlendirijili awtoulag öndürmek bilen meşgullandy. Ilkinji ulagdan jemi 7 model öndürildi.**



# EKOLOGIÝA TAÝDAN ARASSA ULAGLAR BOLAR

**Dubaýyň Ýol we ulag edarasy (RTA) emirlikdäki ähli jemgyýetçilik ulaglarynyň 2050-nji ýyla çenli ýyladyşhana gazlarynyň zyňyndylarynyň nol derejesini gazanmagyny göz öňünde tutýan strategiýany kabul etdi. RTA-nyň habar berşi ýaly, bu strategiýa kömürturşy gazy zyňyndylaryny 10 million tonna azaltmaga we häzirki görkezijiler bilen deňeşdirilende, 9 million dollar tygşytlamaga mümkinçilik berer.**

**Ýol we ulag edarasynyň strategiýasy 2030-njy ýyla çenli şäher awtobuslarynyň 10%-ini elektrik ýa-da wodorod hereketlendirijilerine geçirmegi göz öňünde tutýar. Soňra**



**Dubaýyň häkimiýetleri 2045-nji ýyla çenli parkyň 80%-iniň ekologiýa taýdan arassa energiýa bilen işlemegi üçin her bäş ýyldan şeýle awtobuslaryň paýyny iki esse artdyrmagy niýet edinýärler. Şeýle-de, RTA 2050-nji ýyla çenli ähli mekdep awtobuslaryny, taksileri we limuzinleri ekologiýa taýdan arassa energiýa çeşmelerine geçirmekçi bolýar.**

**Mundan başga-da, bu strategiýa binalary döwrebaplaşdyrmagy we şäher galyndylarynyň dolandyryş ulgamyny kämilleşdirmegi öz içine alýar. Şeýlelik bilen, 2030-njy ýyla çenli Dubaýyň häkimiýetleri RTA-nyň binalarynyň we beýleki desgalaryň 74%-ini, 2035-nji ýyla çenli 83%-ini, 2045-nji ýyla çenli 100%-ini Gün panelleri bilen abzallaşdyrmagy maksat edinýär. Galyndylary aradan aýyrmak babatda aýdylanda bolsa, 2030-njy ýyla çenli emirlikdäki ähli hojalyk galyndylaryny hem gaýtadan işlemek meýilleşdirilýär, bu bolsa hojalyk galyndylarynyň zir-zibil dökülýän ýere äkidilmejekdigini aňladýar.**

**Ýatlap geçsek, 2021-nji ýylda BAE 2050-nji ýyla çenli uglerod bitaraplygyny gazanmagy maksat edinýän «Net Zero 2050» strategiki başlangyjyny öňe sürdi. Bu başlangyç ekologiýa taýdan arassa energiýa çeşmelerini ornaşdyrmaga gönükdirilendir. 2022-nji ýylyň dekabr aýyna çenli ýagdaýa görä, BAE 15 ýylda şeýle taslamalary ösdürmäge 40 milliard dollardan gowrak maýa goýdy. Mundan başga-da, şu ýyl Dubaýda BMG-niň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasynyň 28-nji konferensiýasy geçiriler.**



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# WOLEÝBOLMY ÝA-DA KARATE?!

Häzirki wagtda dünýäde sportuň 3 müň töweregi görnüşi ýaýrap, olaryň käbiri seýrek ýagdaýda geçirilýän ýaryşlar hasaplanýar. Şeýle sport görnüşleriniň biri hem «sepak takraw» bolup, oýnuň oýnalyşy tomaşaçylaryň ünsüni özüne çekýär. Woleýboldan ylham alnyp döredilen bu sport görnüşinde oýunçylar diňe aýaklaryny, dyzlaryny, döşüni we kellesini ulanyp topy dolandyryp bilýärler. Oýunda topy ellemek gadagan bolup, sepak takrawyň geçiriliş düzgüni woleýbola meňzeýär. Günorta-Gündogar Aziýanyň iň meşhur sport görnüşleriniň biri bolan bu oýun kiçi rattan (örme top) ýa-da sintetik top bilen oýnalýar. 1990-njy ýyldan başlap sepak takraw Aziýa oýunlarynyň sanawyna girýär. Badminton ýa-da woleýbol meýdançasyna meňzeş kortda geçirilýän bu oýna her topardan iki, üç, iň köp dört oýunçy gatnaşyp bilýär. Oýunçylar topy diňe aýagy, döşi, dyzy ýa-da kellesi bilen dolandyryp, tordan pökgini geçirmäge synanyşýarlar. Haýsy topar topy ýere gaçyrsa, şol topar utuk ýitirýär. Tordan geçirilen toplaryň netijesi boýunça iň köp utuk gazanan topar ýeňiji diýlip yglan edilýär.



### Oýnuň gysgaça taryhy

Sepak takraw, takmynan, 500 ýyl ozal Malaýziýada döräpdir. XV asyrlarda köplenç köşklerde oýnalan bu oýun, XVI asyrda Indoneziýa ýaýraýar hem-de oňa «sepak raga» diýlip at dakylýar. Öň erkin ýagdaýda geçirilip, Günorta-Gündogar Aziýada meşhurlyk gazanan bu oýna 1940-njy ýylda resmi taýdan düzgünler girizilýär. Ilkinji resmi sepak takraw ýaryşy 1945-nji ýylyň 16-njy maýynda Penangda (Malaýziýa) geçirilýär.

Şol ýyllarda bu sport görnüşi sepak raga diýip atlandyrylan hem bolsa, 1965-nji ýylda Aziýa Sepak takraw federasiýasy (ASTAF) döredilip, oýnuň ady «sepak takraw» ady bilen çalşyrylýar. Sepak takraw «topy urmak» diýen manyny aňladýar. 1988-nji ýylda Halkara Sepak takraw federasiýasy (ISTAF) oýnuň dolandyryş guramasy hökmünde döredilýär.

Sepak takraw Aziýa ýurtlarynda dörän sport görnüşi bolsa-da, meşhurlygy Ýewropa we Amerika ýurtlaryna-da ýaýraýar. Häzirki wagtda Kanadada, ABŞ-da, Koreýada, Malaýziýada, Tailandda, Hindistanda, Bruneýde sepak takraw ýaryşlary geçirilýär. Çeýeligi, çaltlygy we böküşleri talap edýän bu oýun bilen gyzyklanýanlaryň sany ýyl-ýyldan artýar.



# ANANASYŇ 7 PEÝDASY

Tomus paslynyň iň meşhur miweleriniň biri bolan ananas süýji şireli tagamy bilen tanalýar. Tropik miwäniň bu görnüşinde adam saglygy üçin möhüm bolan witaminler we mikroelementler saklanýar. Düzüminde az mukdarda ýag we belok saklaýan ananas uglewoda hem-de süýüme baý miwe hasaplanýar. Az kaloriýaly bu miwe adam bedenini ýeterlik derejede C witamini, marganes, magniý we folat bilen üpjün edýär. Bilermenler ananasyň peýdasy barada şeýle belleýärler:

**Iýmit siňdirişe peýdaly.** Ananas iýmit siňdirişi ýeňilleşdirýän miwe hasaplanýar. Ananasyň miwesinde we baldagynda saklanýan bromelain atly ferment aşgazan-içege ulgamynyň işi üçin peýdaly bolup, kabul edilen iýmitlerdäki şekeriň siňdirilmegini gijikdirýär. Bu bolsa gandaky şekeriň kadaly saklanmagyna we iýmitden alynýan energiýa derejesiniň durnukly bolmagyna kömek edýär.

**Artritiň bejergisine kömek edýär.** Bilermenler bogunlardaky agyryny we çişleri bejermekde ananasyň peýdasynyň bardygyny belleýärler. Bu miwäniň düzümindäki bromelain bogunlardaky ynjalyksyzlygy we agyryny azaltmaga ýardam edýär. Geçirilen barlaglarda ananas iýmek arkaly 6 hepdeden soň artritden ejir çekýänlerde agyrynyň aýrylandygy ýüze çykaryldy.

**C witamininiň çeşmesi.** Köp adam bedeninde C witamiň ýeterlik derejede bolmagy üçin apelsin ýa-da naryňç miweleri iýýär. Emma ananas bu miwelere görä C witamine has baý bolup, bedeni ýeterlik derejede antioksidantlar bilen üpjün edýär. Bir käse ananas şiresinde 69 milligram C witamini saklanýar.



**Immuniteti güýçlendirýär.** Ananasyň düzümindäki witaminlerdir ýokumly maddalar bedeniň sowuklama ýa-da beýleki kesellere garşy göreşmegine kömek edýär. Bu miwe üsgülewügi bejermekde hem peýdaly hasaplanýar. Ananasda witaminler we minerallar bilen bir hatarda suwuň köp mukdarda saklanmagy aşa köp iýmegiň öňüni alýar. Bu bolsa immuniteti sagdyn saklamaga ýardam edýär. Bir käse ananasda bary-ýogy 82 kaloriýa, 1 gramdan az ýag, 2 gram süýüm we 16 gram fruktoza bar.

**Antioksidantlardan doly.** Ananas bromelain, marganes we C witaminden başga-da, flawonoidlere (tebigy madda) baýdyr. Ananasdaky antioksidant çişmä, wiruslara we strese garşy göreşýän madda bolup, beýleki gök önümlerdäki antioksidantlardan has uzak wagtlap saklanýandygy bilen tapawutlanýar.

**Marganese baý iýmit.** Marganes süňke peýdaly, gandaky şekeri kadalaşdyrmaga we keselleriň öňüni almaga kömek edýän mikroelementdir. Bir käse ananasda 1,5 milligram marganesiň bardygyny göz öňünde tutmak bilen bu miwäni iýmek arkaly marganes ýetmezçiligini dolup bolýar. Marganes kesel töwekgelçiliklerini azaltmaga kömek edýän güýçli antioksidant hasaplanýar. Marganesiň maslahat berilýän gündelik mukdary 2,3 milligrama deňdir.

**B witaminleriň toplumy.** Ananas tiamin, niasin, B6 we folat ýaly B witaminine degişli birnäçe maddalary özünde jemleýär. Bu ýokumly maddalar kabul edilen iýmitden gaýtadan energiýa işlemäge kömek edýär. Şeýle hem içki beden agzalaryna we dokumalara kislorod iberýän gyzyl öýjükleri emele getirmekde möhüm orny eýeleýär.

Kosta-Rika, Filippinler, Niderlandlar, ABŞ, Belgiýa we Ekwador bu miwäni eksport ediji esasy ýurtlar bolup, dünýäde her ýyl 30 million tonna ananas öndürilýär. Ananas daşy teňňe şekilli gabygy arassalanandan soň, halka görnüşli dilimlere ýa-da böleklere bölünip iýilýär. Bu miwe terligine, gaplanan hem-de dilimlenip doňdurylan görnüşinde hem müşderilere hödürlenýär.

TÄSIN INŽENERÇILIK DESGASY

# PEKIN MILLI STADIONY





«Guşuň höwürtgesi» diýlip atlandyrylýan Pekin milli stadiony häzirki döwrüň täsin inženerçilik desgalarynyň biri hasaplanýar. Stadion Pekin şäherinde 2008-nji ýylyň tomsunda geçirilen Olimpiýa oýunlary mynasybetli açylýar. Daşky gabygy polat bilen örtülen, çylşyrymly gurluşa eýe bolan bu stadion dünýäniň meşhur Olimpiýa stadionlarynyň birine öwrülýär. «Gözenekli stadion» diýlip hem atlandyrylýan Pekin milli stadionyny gurmak bilen inženerler häzirki zaman stadionyny döretmegi hem-de hytaý medeniýetine degişli käbir nusgalary suratlandyrmagy maksat edinipdirler. Şweýsariýanyň «Herzog & De Meuron Architekten» binagärlik kompaniýasy bilen Hytaýyň «ArupSportChina» arhitektura dizaýn we gözleg topary tarapyndan taslamasy işlenip taýýarlanan Pekin milli stadionynyň ini 220 metre, uzynlygy 330 metre we beýikligi 69,2 metre deň.

Geometriýa bilen binagärlik sungatyny birleşdirýän bu desgany gurmak üçin 5 ýyl gerek bolup, 42 müň tonna polat (26 kilometr örtülmedik polat), 110 müň tonna beton ulanylypdyr. Inženerler gurluşygyň dowamynda polat materiallaryň ýylylygyň täsir etmegi netijesinde sozulmagy we gysylmagy, 42 müň tonna poladyň öz agramyny saklap bilmegi hem-de 8 bal ýertitremä garşy durujylygy ýaly ýagdaýlary göz öňünde tutmaly bolýarlar. Stadionyň gümmezini emele getirýän polat çarçuwalar örme şekilinde bolup, hersiniň agramy müň tonnalyk 24 sany polat sütüne berkidilýär. Sütünleriň ýykylmazlygy üçin elliptik görnüşinde kiçi şöhleler bilen kebşirlenýär. Stadionyň gurluşygy üçin gerek bolan sütünleriň agyrlygy sebäpli, böleklere bölüp, ýygnamak arkaly dikeldilýär. Stadionyň içki gurluşygynda oturgyçlary berkitmek üçin 14 müň 700 beton plitalar birleşdirilýär. Stadionyň gurluşygynda içindäki howany sazlamak üçin hereketli üçek ulgamy we ýagyş suwuny gaýtadan işlemek arkaly töwerekdäki baglary we stadionyň otuny suwarmaklyk, ýangyn üçin ätiýaçlyk suw toplumy hem göz öňünde tutulypdyr.

Olimpiýa oýunlary üçin niýetlenen 3 million kubmetr göwrümli Pekin milli stadiony dünýädäki sport ýaryşlarynyň geçirilýän iň uly ýapyk meýdançasy hasaplanýar. 91 müň orunlyk gyzyl oturgyçly stadionda geçirilýän ýaryşlara görä wagtlaýyn uly ekranlar hem oturdylýar. Dünýädäki iň işjeň seýsmiki zolaklaryň birinde gurlan Pekin milli stadiony ýertitremä çydamly edilip gurlupdyr. Sport desgasynyň çäginde muzeý, duşuşyk zaly, sergiler zaly, dükanlar, restoranlar we beýleki otaglar bar.





## ÇAGALAR

✓ Tailandyň endemik suw jandary hasaplanýan «aýna balyklar», esasan, Tailand aýlagynda we Kardom daglaryndaky derýa basseýnlerinde duş gelýär.

# IÇI GÖRÜNÝÄN «AÝNA BALYK»



Dünýä ummanlarynda balyklaryň ululy-kiçili 35 müň töweregi görnüşi ýaşap, olaryň daşky görnüşi beýlekilere meňzemeýän we ýaşaýyş şerti bilen tapawutlanýan birnäçesi bar. Şolaryň biri hem «aýna balyk» ady bilen tanalýan «Kryptopterus vitreolus» bolup, içi görünýän beden gurluşy bilen beýlekilerden tapawutlanýar. Ilkibaşda balyklaryň bu görnüşiniň «Kryptopterus bicirrhis» maşgalasyna degişli diýip çaklanandygyna garamazdan, 2013-nji ýylda «aýna balyklaryň» «Kryptopterus vitreolus» diýen başga bir görnüşdigi ýüze çykarylýar. Tailandyň endemik suw jandary hasaplanýan «aýna balyklar», esasan, Tailand aýlagynda we Kardom daglaryndaky derýa basseýnlerinde duş gelýär. Süýji suwda ýaşaýan bu balyklaryň 7-8 ýyl ömri bolup, inçe hem uzyn bedeni 12-15 santimetr töweregi bolýar. Agramynyň aşa ýeňil bolandygy sebäpli bu balygyň kellesinde deňagramlylygy sazlaýan barbell bar. «Aýna balyklaryň» içki beden agzalary kellesinde ýerleşip, içi görnüp duran bedenini oňurga süňki we gylçyklary emele getirýär. Daşyndan seredeniňde balygyň aňyrsynyň görünmeginiň esasy sebäbi bedeninde pigmentleriň ýoklugydyr. Ýagny bu balygyň bedeninde reňkleri emele getirýän öýjükler ýok. Şol sebäpli ol ak görünýär. Erkinligi söýýän «aýna balyklar» ýüzgüçsiz (torç) bolup, olara hereket etmäge guýrugy ýardam edýär. Pes akymly süýji suwda topar bolup ýaşaýan bu balyklar şadyýan we utanjaň häsiýete eýedir. Esasy iýmiti çybyn, liçinka, kiçijik gurçuklar bolup, käte krewetka we ownuk balyklar bilen hem iýmitlenýärler. Akwaristleriň ünsüni özüne çekýän bu suw jandary akwariumlaryň iň meşhur balyklarynyň biridir.

GAÝYBANA SYÝAHAT

## ABŞ-nyň «Wilds» haýwanat bagy

Haýwanat baglary adamlaryň adatça görüp bilmejek tebigy täsinliklerini synlamaga mümkinçilik berýän goralýan gurşaw bolup, dürli görnüşli janly-jandarlary özünde jemleýär. Süýrenijilerden başlap, iri süýdemdirijilere çenli ýüzlerçe görnüşli haýwanat baglary çagalar üçin has-da gyzykly we täsirli güýmenje merkezi hasaplanýar. Ýer ýüzünde 10 müňden gowrak haýwanat bagy bolup, ABŞ-nyň Ogaýo ştatynyň Kumberland şäherindäki «Wilds» haýwanat bagy haýwanat dünýäsiniň köpdürlüligi bilen tapawutlanýar. Dünýäniň iň uly haýwanat bagy hasaplanýan bu ýerde 500-den gowrak görnüşli janly-jandarlar – ak kerkler, zebralar, bizonlar, žiraflar, sugunlar, maýmynlar, piller, ýyrtyjylar we balyklar ýaşaýar. 1994-nji ýylda köpçülik üçin açylan haýwanat bagynyň çäginde «Audubon» guş meýdançasy, kebelek mekany, öri meýdanlary, 150 töweregi köl, welosiped hem-de gezelenç ýodalary bar. «Wilds»-de ýitip gitmek howpy abanýan jandarlaryň 30-dan gowrak görnüşi – Amur alajagaplaňy, Sunda gaplaňy, şahly begemot, dag gorillasy, tapanuli orangutan, gara kerk, Afrika tokaý pili, Baktriýa düýesi we Baktriýa suguny ýaşaýar.

9 müň 154 gektar meýdany tutýan haýwanat bagynda awtobusly 2 sagatlyk gezelençler amala aşyrylýar. Bu ýere gelýän syýahatçylara tebigaty we haýwanlary synlamak bilen bilelikde, at münmek, balyk tutmak, ýabany tebigatda pyýada gezelenç etmek ýaly dynç alyş çäreleri hödürlenýär. Haýwanat bagy maý-oktýabr aýlary aralygynda syýahatçylar üçin açyk bolup, beýleki aýlarda ideg işleri geçirilýär. Ýabany tebigatda dynç almak isleýänler üçin haýwanat bagynyň çäginde 5-6 orunlyk myhmanhanalar bolup, syýahatçylar maşgala agzalary bilen žirafdyr kerkleri ýakyndan synlap bilýärler. «Wilds» täjirçilik maksady bolmadyk safari (ýerüsti ulagly gezelenç) seýilgähi we tebigaty goraýyş merkezidir. Häzirki wagtda janly-jandarlaryň goralýan merkezi bolan «Wilds» haýwanat bagynda ylym, bilim we tejribe synaglary arkaly tebigaty gorap saklamak boýunça işler alnyp barylýar.











## SÖZI MANYSY BILEN ÖWRENELIŇ!

«Tamdyra gyzanda ýap!»



Bu nakylda her zadyň amatly wagtynda, oňaýly pursadynda edilmelidigi ýa-da aýdylmalydygy beýan edilýär. Nakylda «tamdyr» wakanyň bolup geçýän ýeri, gurşalan töweregi manysyny berýär. Nakylda getirilýän «gyzanda ýapmak» söz düzümi wagt, ýagny oňaýly pursat manysynda gelip, öz amatly pursadynda edilen hereketiň garaşylýan netijäni berjekdigi we şowlulyga eltjekdigi aýdylýar.

Umuman nakylyň manysyny jemlänimizde her bir ediljek işi ýa-da aýdyljak sözdür gürrüňi amatly wagty gelende ýerine ýetirmelidigi beýan edilýär. Oňaýly mümkinçilik ýa-da pursat elden giderilse, şol pursadyň gaýtalanmagy üçin ýene-de kän wagt gerek bolýar. Şol sebäpli ata-babalarymyz oňaýly pursady, amatly mümkinçiligi elden gidermeli däldigini, ýerini bilip hereket etmelidigini ündäpdirler.

Labirint



Sanlary birleşdiriň!



10 tapawudy tapyň!



Gyzykly pursat



Şekili reňkläň!



# «Buker» baýragy bolgar ýazyjysyna berildi

Golaýda Londonda edebiýat boýunça 2023-nji ýylyň «Buker» baýragynyň gowşurylyş dabarasy geçirildi. 55 ýaşly bolgariýaly ýazyjy we şahyr Georgi Gospodinow «Wagt gaçybatalgasy» (Time Shelter) romany üçin bu baýraga mynasyp boldy.

Kitapda alsgeýmer keseline uçranlar üçin gurlan «Geçmişe dolanyş» atly tos-



lama merkez barada gürrüň berilýär. Hassahananyň her gaty ozalky onýyllyklaryň mebelleri, egin-eşikleri, hoşboý yslary we beýleki zerurlyklary bilen üpjün edilip, ol ýerde özboluşly durmuş döredilýär. Netijede, bu ýagdaý hassalara geçen günlerini ýatlamaga mümkinçilik berýär.

Baýragy Gospodinow bilen romany bolgar dilinden iňlis diline terjime eden terjimeçi Anžela Rodel paýlaşdy. Olara baýrak hökmünde 50 müň funt berildi.

Geçen ýyl şri-lankaly ýazyjy Şehan Karunatilaka «Maali Almeýdanyň ýedi aýy» (The Seven Moons of Maali Almeida) romany üçin 2022-nji ýylyň edebiýat boýunça «Buker» baýragyna mynasyp boldy. Ýazyjynyň bu romanynda 1990-njy ýyllarda Şri-Lankada bolup geçen geň-taň wakalar barada gürrüň berilýär.

Dünýäniň iň abraýly edebi baýraklaryndan biri bolan «Buker» baýragy 1968-nji ýylda döredildi. Ilkinji baýrak gowşurylyş dabarasy 1969-njy ýylda geçirildi. Bu baýrak 2013-nji ýyla çenli Milletler Arkalaşygynyň, Irlandiýanyň ýa-da Zimbabwe ýurtlarynyň birinde ýaşaýan ýazyja berilýärdi. Soňra emin agzalary beýleki ýurtlaryň ýazyjylaryna hem iňlis dilinde ýazylan we Beýik Britaniýada neşir edilen eserleri bilen baýrak ugrunda bäsleşmäge rugsat berdiler.

# Nusgawy elektron kitaplara isleg artýar

Lew Tolstoýyň «Uruş we parahatçylyk» romany soňky bir ýylda nusgawy edebiýatyň iň meşhur elektron eserine öwrüldi. Bu barada Russiýanyň «Litres» kitap hyzmaty merkeziniň metbugat gullugynda habar berildi.



«Litres» kitap hyzmaty merkeziniň hünärmenleri 2022-nji ýylyň 1-nji iýunyndan 2023-nji ýylyň 31-nji maýyna çenli aralykda tölegsiz göçürip almagyň we kitap satuwynyň umumy sanyny seljerdiler. Seljeriş üçin rus we sowet nusgawy ýazyjylarynyň eserleri toplandy. Her bir eseriň elektron we ses formatlaryndaky ähli wersiýalary hasaba alyndy.

Lew Tolstoýyň «Uruş we parahatçylyk» epopeýa romany jedelsiz lider diýlip atlandyryldy. Çünki ol 74 müň gezek göçürilip alnan eken. Ikinji orny eýelän Fýodor Dostoýewskiniň «Jenaýat we jeza» atly ölmez-ýitmez romany 64 müň gezek göçürilip alnypdyr. Ilkinji üçlüge Lew Tolstoýyň meşhur «Anna Karenina» eseri girip, 62 müň gezek göçürilip alnypdyr.

Şeýle hem iň meşhur nusgawy elektron kitaplaryň 10-synyň sanawyna Bulgakowyň «Morfiý» atly hekaýalar ýygyndysy, Dostoýewskiniň «Tentek», «Doganlar Karamazowlar», Zamýatiniň «Biz», I. Ilf we Ý. Petrowyň «Bir gatly Amerika», Puşkiniň «Kapitanyň gyzy» we Gogolyň «Öli janlar» eserleri girdi.

# KINO TÄZELIKLERI

Häzirki wagtda «Forsaž» filmleriniň 10-njysynyň ekranlarda görkezilmegi dowam edýär. Golaýda filmiň baş aktýory Win Dizel 11-nji filmiň hem 2025-nji ýylda tomaşaçylaryň dykgatyna ýetiriljekdigini mälim edipdi. Şol bir wagtyň özünde-de filmiň spin-off, ýagny ýanama kinolarynyň hataryna ýene biri goşulýar. Ýöne ilki bilen täze spin-off filmi üçin «Forsaž 11» hem-de «Forsaž 12» filmleri ekranlara çykýança garaşmaly bolarlar. Bu barada Win Dizel «Variety» žurnalyna beren beýanatynda: — Täze ýanama filminde zenanlar baş gahryman hökmünde çykyş ederler. «Forsaž» filmlerindäki zenan gahrymanlara aýratyn ekran eserinde tomaşa etsek hemmämiz üçinem has gowy bolar — diýip belledi. Entek häzirlikçe diňe taslama görnüşinde bolan bu ýanama filminiň haçan ekranlara çykaryljakdygy, kimleriň surata düşjekdigi belli däl. Ýöne Mişell Rodriges, Bri Larson, Helen Mirren, Şarliz Teron, Jordana Brewster dagynyň surata düşmegine garaşylýar.



Ussat aktýor Silwester Stallone 30 ýyldan soň «Daga çykyjy» (Cliffhanger) filminiň 2-njisinde surata düşer. Bu barada «Deadline» habar berýär. Filme Rik Roman Wo režissýorlyk eder. Mälim bolşy ýaly, ol «Greenland» filmi bilen meşhurlyk gazanypdy. Ekran eseriniň 2-nji kinosynda-da Stallone ozalky keşbi — Geýb Wolkeriň keşbini ýerine ýetirer. Täze filmde Geýb Wolkeriň çagalary hem özi ýaly alpinist bolup ýetişýär. Şu ýylyň güýzünde surata düşürilip başlanjak filmiň 2024-nji ýylyň 2-nji ýarymynda ekranlara çykmagyna garaşylýar. Filmiň ssenarisini Mark Býankulli ýazar.



Ussat aktýor Jonni Depp 2-nji gezek kameranyň arkasyna geçmäge hyýallanýar. Golaýda 60 ýaşy arka atan ussat aktýor 26 ýyldan soň 2-nji filmine režissýorlyk eder. Ol 1997-nji ýylda «Batyrgaý» (The Brave) atly filmi surata düşüripdi. Deppiň täze surata düşürjek filmi italiýaly meşhur suratkeş hem-de heýkeltaraş Amedeo Modiliani barada bolar. Biografik görnüşli filmde baş keşbi ussat aktýor Al Paçino janlandyrar. «Modi» atly bu filmde meşhur suratkeşiň Parižde ýaşan ýyllary barada söhbet açylar. Filmiň haçan ekranlara goýberiljekdigi entek belli däl.



# Täze filmler

**Ady:** «Transformerler: nägehanlaryň ýokary galmagy» (Transformers: Rise of the Beasts); **Režissýory:** Stiwen Kepl Junior; **Keşplerde:** Antoni Ramos, Dominik Fişbek, Luna Lauren Weles; **Ses berenler:** Piter Kullen, Ron Perlman, Piter Dinkleýj, Mişell Ýeo, Liza Koşi, Pit Dewidson; **Ssenariçi:** Jobi Harold, Darnell Metaýer, Joş Piters, Erik Hober, Jon Hober; **Prodýuseri:** Don Mörfi, Tom De-Santo, Lorenzo di Bonawentura, Maýkl Beý, Mark Wahradian, Dankan Henderson; **Kompozitory:** Jognik Bontemps; **Öndüriji:** «Skydance Media», «Hasbro», «New Republic Pictures», «Di Bonaventura Pictures», «Bay Films»; **Paýlaýjy:** «Paramount Pictures»; **Dowamlylygy:** 127 minut; **Görnüşi:** ylmy-fantastik, uruşly; **Ýurdy:** ABŞ; **Dili:** iňlisçe; **Býujeti:** 200 million $.




«Transformerler» filminiň täze nusgasynyň ozalky 5 kinodan iň esasy aýratynlygy režissýoryň başga biri bolmagydyr. Ýagny «Transformerler: nägehanlaryň ýokary galmagy» filmine Maýkl Beý däl-de, Stiwen Kepl Junior režissýorlyk edýär. 200 million dollar çykdajy edilen film Los Anjelesde, Peru döwletiniň dürli ýerlerinde (şolaryň arasynda meşhur Maçu Pikçu hem bar), Kanadanyň Monreal şäherinde, Nýu Ýorkuň Bruklin sebitinde ekranlaşdyryldy. Film bir hepde öň ekranlara çykdy we häzirki güne çenli 195 million dollara golaý girdeji gazandy. Ekran eserinde baş keşpleri Antoni Ramos, Dominik Fişbek, Luna Lauren Weles dagy janlandyrsa, Optimus Praýma ýene-de ussat aktýor Piter Kullen ses berýär.

Awtobotlar bilen Deseptikonlaryň arasyndaky göreşe täze bir Transformerleriň görnüşi bolan Maksimallar hem goşulýar we täzeçe göreş başlaýar.

**Ady:** «Möý adam: möý älemine geçiş» (Spider-Man: Across the Spider-Verse); **Režissýory:** Hoakim Dos Santos, Kemp Powers, Jastin K. Tompson; **Ssenariçi:** Fil Lord, Kristofer Miller, Deýw Kallaham («Marvel Comics»-iň komiksleri esasynda); **Prodýuseri:** Fil Lord, Kristofer Miller, Emi Paskal, Awi Arad, Kristina Steinberg; **Ses berenler:** Şameik Mur, Haili Steinfeld, Braýan Taýri Henri, Luna Lauren Weles, Jeýk Jonson; Jeýson Şwartsman, Issa Rae, Karan Soni, Şi Wigam, Greta Li, Daniel Kaluuýa, Maherşala Ali, Oskar Aýzaak; **Kompozitory:** Daniel Pemberton; **Öndüriji:** «Columbia Pictures», «Sony Pictures Animation», «Marvel Entertainment», «Arad Productions», «Lord Miller Productions», «Pascal Pictures»; **Paýlaýjy:** «Sony Pictures Releasing»; **Dowamlylygy:** 140 minut; **Görnüşi:** animasiýa, ylmy-fantastik, uruşly; **Ýurdy:** ABŞ; **Dili:** iňlisçe; **Býujeti:** 100 million $.




Mundan 5 ýyl öň prokata çykan «Möý adam: möý äleminde» atly animasiýanyň dowamy bolan «Möý adam: möý älemine geçiş» animasiýasyna Hoakim Dos Santos, Kemp Powers, Jastin K. Tompson dagy režissýorlyk edýärler. 140 minutlap dowam edýän animasiýanyň býujeti 100 million dollara deň bolup, bu ekran eseri 2-nji iýundan bäri görkezilip gelinýär we 400 million dollardan köp kassa ýygymyny toplady. Animasiýanyň gahrymanlaryna Şameik Mur, Haili Steinfeld, Braýan Taýri Henri, Luna Lauren Weles, Jeýson Şwartsman ýaly artistler ses berdiler. Animasiýadaky wakalar birnäçe älemleriň çägindäki alternatiw älemde bolup geçýär. Radioaktiw möý tarapyndan çakylan Maýlz Morales başga äleme ädim ädýär. Ol bu ýerde öňküsinden has ökde hereketleriň ussady bolýar. Soňlugy bilen, oňa täze başdan geçirmeler garaşýar. Onlarça Möý adam ozal görlüp-eşidilmedik derejede güýji bolan täze duşmana garşy göreş alyp barmaly bolýar.



**Ady:** «Elementler» (Elemental); **Režissýory:** Piter Son; **Ssenariçi:** Jon Hoberg, Kat Likkel, Brenda Hsue; **Prodýuseri:** Denis Rim; **Ses berenler:** Lea Lýuwis, Mamodu Ati, Ronni del Karmen, Şila Ommi, Wendi MakLendon-Kowi, Katerin O'Hara, Meýson Werthaýmer, Jou Pera, Matt Ýang King; **Kompozitory:** Tomas Nýuman; **Öndüriji:** «Walt Disney Pictures», «Pixar Animation Studios»; **Paýlaýjy:** «Walt Disney Studios»; **Dowamlylygy:** 109 minut; **Ýurdy:** ABŞ; **Dili:** iňlisçe; **Býujeti:** 200 million $.

Dünýä belli animasiýa öndüriji «Pixar» studiýasynyň täze önümi bolan «Elemental» multfilmine Piter Son režissýorlyk etdi. Animasiýanyň gahrymanlaryna Lea Lýuwis, Mamodu Ati, Ronni del Karmen, Şila Ommi, Wendi MakLendon-Kowi dagy ses bermäge gatnaşdylar. 109 minutlyk multfilmiň býujeti 200 million dollara deňdir. Multfilmde Berni hem-de Sinder Lumeniň Elementler şäherine göçüp gelmeginden soň, elementleriň arasyndaky wakalar barada söhbet açylýar.

**Ady:** «Fleş» (The Flash); **Režissýory:** Endi Muskietti; **Keşplerde:** Ezra Miller, Saşa Kalle, Maýkl Şannon, Ron Liwingston, Maribel Werdu, Kirsi Klemons, Antže Traue, Maýkl Kiton; **Ssenariçi:** Kristina Hodson; **Prodýuseri:** Barbara Muskietti, Maýkl Disko; **Kompozitory:** Benžamin Wallfiş; **Öndüriji:** «Warner Bros. Pictures», «DC Studios», «Double Dream», «The Disco Factory»; **Paýlaýjy:** «Warner Bros. Pictures»; **Dowamlylygy:** 144 minut; **Görnüşi:** ylmy-fantastik, «superhero»; **Ýurdy:** ABŞ; **Dili:** iňlisçe; **Býujeti:** 220 million $.



«Hollywood»-yň «super» gahrymanlarynyň kino sungatyndaky başdan geçirmeleri dowam edýär. Bu ugruň iki öňdebaryjysynyň biri bolan «DC Studio»-nyň täze filmi «Fleş» ertirden başlap kinoteatrlarda görkezilip ugrar. Endi Muskiettiniň režissýorlyk eden filminde baş keşbi Ezra Miller, şol sanda Saşa Kalle, Maýkl Şannon, Ron Liwingston ýaly artistler janlandyrýar. 144 minutlap dowam edýän filmiň agramly bölegi Beýik Britaniýada surata düşürildi. Film üçin umumylykda 220 million dollara golaý çykdajy edildi. Ssenarisi Kristina Hodson tarapyndan ýazylan filmde Berri Allen, ýagny Fleş laboratoriýada işläp ýören mahaly garaşylmadyk wakanyň üstünden barýar we onuň güýji öňküsindenem artýar...



## 17-nji SKANWORD

**Laçyn IŞANGULYÝEWA,** *Aşgabat şäher Medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň B. Kerbabaýew adyndaky kitaphana şahamçasynyň kitaphanaçysy.*



## 28-nji KROSSWORD

**DIKLIGINE:** **1.** «... suwdan tal çykar» (nakyl). **2.** «Chevrolet ...» ulag kysymy. **3.** Magtymguly Pyragynyň kakasy. **4.** Arap ýarym adasynyň gündogarynda ýerleşýän döwlet. **5.** Daň sazy, daň atmazynyň öňüsyrasyndaky wagt. **6.** Ýasama şekil, ülňi. **10.** ...-gukluk. **11.** Ykdysady taýdan gurply, barly. **13.** Bişiriljek çöregiň ýüzüni dürtmek üçin ulanylýan diş-diş gural, dikeç. **15.** Ýyrtyjy jandar. **17.** Biriniň sözüne gidýän, her bir gepe ynanýan. **19.** «Alym gül getirer ... bal» (nakyl). **20.** Gykylyk, galmagal. **21.** ...-kereşme. **22.** Ýelek, ganat. **27.** Daýhançylyk bilen meşgullanýan ilatly ýer. **29.** Höwes, arzuw. **30.** Pul birligi. **31.** Miwesinden şokolad taýýarlanylýan agaç. **32.** Geometrik şekil. **33.** Ýanan zatdan galan çal, gara reňkli un ýaly galyndy. **34.** Tebip (köne söz). **35.** Oglan ady. **36.** Zyýan.

**KESELIGINE:** **3.** Dermanlyk ösümlik. **7.** Nahar bişirýän adam. **8.** Ykmanda, sergezdan (köne söz). **9.** Aziýanyň merjen şäheri. **12.** Hemişekisi ýaly bolup duran, öwrenişilen. **14.** Aýlaryň biri. **16.** Bäsdeş, duşman (köne söz). **18.** Çehiýanyň paýtagty. **20.** Pyçagyň we gylyjyň tygyna laýyk edip, gaýyşdan tikilen gap. **22.** Tuty, örtük. **23.** Braziliýada uly şäher ...-de-Žaneýro. **24.** Gyz ady. **25.** Yza, ynjy. **26.** Daşy gaty gabykly togalak miwe getirýän agaç we onuň miwesi. **28.** Abstrakt sungatyndaky taryhy termin. **29.** Daşky geýim, possun. **32.** Gawundan taýýarlanylýan önüm. **34.** «... hemme ýerde bir gygyrar» (nakyl). **37.** «Agzy gyzyl begzada, dag aşanyn kim biler» (matal). **38.** Bir işi etmeklige ygtyýar, rugsat (köne söz). **39.** Adamyň we haýwanyň iýmit siňdiriji organy. **40.** «Näme bolsa şol, bolsa bolsun aýby ýok» manyda ulanylýan söz.

27-nji krosswordyň jogaby:



16-njy skanwordyň jogaby:





Sahypany taýýarlan Täjigözel HAÝDAROWA.

## Bir sözlemde...

**(Transfer täzelikleri)**

- Angliýanyň «Liwerpul» topary «Braýtonyň» argentinaly ýarymgoragçysy, Dünýä çempiony, 24 ýaşly Aleksis Mak Kallisteri 35 million funt sterlinge transfer edip, onuň bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy (ol täze toparynda 10-njy belgili köýnekçäni geýer).
- Niderlandlaryň PSW topary möwsümiň ahyrynda wezipesini taşlan Ruud Wan Nistelrooýyň ornuna ozal «Aýaks», «Borussiýa Dortmund», «Baýer», «Lion» klublarynda işlän 59 ýaşyndaky Piter Bosy tälimçilige belläp, onuň bilen 3 ýyllyk şertnama baglaşdy.
- Niderlandlaryň başga bir kluby, çempionaty 3-nji orunda tamamlan «Aýaks» toparynyň täze tälimçisi belli bolup, amsterdamlylar 49 ýaşyndaky Moris Steýn («Wenlo», «Al-Wahda», «NAK Breda», «Sparta Rotterdam» klublarynda işledi) bilen 3 ýyllyk şertnama gol çekişdi.
- Möwsümi çempionlyk bilen tamamlan Niderlandlaryň «Feýenoord» toparynyň 22 ýaşyndaky türkiýeli ýarymgoragçysy Orkun Kökçü 25+5 million ýewro Portugaliýanyň çempiony «Benfika» toparyna transfer boldy (5 ýyllyk şertnama).
- «Bundesliganyň» çempiony «Bawariýa» topary «Leipsig» toparyndaky şertnamasy tamamlanan awstriýaly ýarymgoragçy Konrad Laimeri düzümine goşup, münhenliler 26 ýaşly futbolçy bilen 4 ýyllyk ylalaşyk gazandy.
- «Premier Liganyň» wekili «Liwerpul» toparynda 8 ýyl çykyş eden 37 ýaşyndaky iňlis ýarymgoragçysy Jeýms Milner karýerasyny «Braýton» toparynda dowam etdirer we ol täze topary bilen 1+1 ýyllyk şertnama gol çekişdi.
- «Liwerpul» toparynyň gwineýaly ýarymgoragçysy Nabi Keita 4 möwsümden soň Germaniýanyň çempionaty «Bundesliga» dolanyp, 28 ýaşyndaky futbolçy Bremen şäheriniň «Werder» kluby bilen şertnama baglaşdy.
- «Premier Ligadan» aşaky liga düşen «Lester Sitiniň» 26 ýaşyndaky belgiýaly ýarymgoragçysy Ýuri Tilemans «Aston Willa» toparynyň düzümine goşular.

# «Mançester Siti» – Çempionlar Ligasynyň täze çempiony

***UEFA-nyň iň uly klub ýaryşy Çempionlar Ligasynyň 68-nji möwsüminiň çempiony belli boldy. Türkiýäniň Stambul şäherindäki Atatürk Olimpiýa stadionynda oýnalan finalda Angliýanyň «Mançester Siti» topary bilen Italiýanyň «Inter» topary duşuşdy. 71 müň 412 janköýeriň tomaşa eden oýnunda polşaly Simon Marçiniak jürlewük çaldy.***

Oýnuň 1-nji ýarymynda o diýen ýatda galan pursat bolmady. Kaýl Wolkeriň ornuna Natan Ake bilen başlan «Mançester Sitiniň» ýyldyzy Erling Ho-




lannyň urgusyny derwezeçi Andre Onana saklamagy başardy. 1-nji ýarymyň iň esasy wakasy iňlis klubunyň ýyldyzy Kewin De Bruýneniň şikes alyp, 36-njy minutda ornuny Fil Fodene bermegi boldy.

Duşuşygyň 2-nji ýarymynda 15 minut dolmanka, tälimçi Inzagi Edin Jekony oýundan çykaryp, ornuna Romelu Lukakuny meýdança girizdi. Duşuşygyň 59-njy minutynda Akanžiniň ýalňyşlygyndan soň topy alan Lautara Martines derwezäniň gapdal tarapynda derwezeçi Ederson bilen ýekeme-ýekä galdy. Ýöne onuň urgusyny sowmak braziliýaly derwezeçä kyn düşmedi.

Oýnuň 68-nji minutynda sag gapdaldan amala aşyrylan hüjümde Bernardo Silwanyň geçiren topy goragçylara degip, Rodriniň öňüne düşdi. Ol jerime meýdançasynyň daşyndan topy batly urup, hasaby açdy. Bu goldan 3 minut soň «Inter» hasaby deňläp bilerdi. Dimarkonyň kelle bilen geçiren urgusy ýokarky sütüne degip, täzeden öňüne düşdi. Onuň täzeden uran topy topardaşy Lukakudan yzyna gaýtdy. Duşuşygyň 89-njy minutynda Lukakunyň urgusyny Ederson kynlyk bilen sowdy. Goşmaça wagtda-da burçdan ýerine ýetirilen urgy hem howply bolup, şol pursatda-da interlilere Edersony geçmek başartmady. Şunlukda, duşuşyk 1–0 hasabynda «Mançester Sitiniň» ýeňşi bilen tamamlandy we şäherliler ilkinji gezek UEFA Çempionlar Ligasynyň çempiony boldy.







«Mançester Siti» topary UEFA-nyň 1-nji derejeli klub ýaryşynda çempionlyk gazanan 23-nji klub hökmünde hasaba alyndy.

**GYZYKLY MAGLUMATLAR**

- «Mançester Siti» topary bu kubogy gazanan 9-njy iňlis kluby boldy. Umumylykda bu çempionlyk iňlis klublarynyň Çempionlar Ligasyndaky 15-nji ýeňşidir.
- «Mançester Siti» ýeňlişsiz çempionlyk gazanan 11-nji klub bolmagy başardy (8 ýeňiş, 5 deňlik). Umumylykda bu ýaryşda bir topar 15-nji gezek ýeňlişsiz çempion boldy.
- Final duşuşygy 4-nji gezek yzly-yzyna 1–0 hasabynda tamamlandy.
- Bu çempionlyk «Mançester Sitiniň» şu möwsümdäki 3-nji kubogy bolup, bir möwsümde 3 esasy kubogy – ýurduň çempionlygyny, ýurduň kubogyny hem-de Çempionlar Ligasynyň çempionlygyny gazanan 8-nji klub boldy. Ondan öň «Seltik» (1966/67), «Aýaks» (1971/72), PSW (1987/88), «Mançester Ýunaýted» (1998/99), «Barselona» (2008/09, 2014/15), «Inter» (2009/10) hem-de «Bawariýa» (2012/13, 2019/20) bir möwsümde 3 esasy kubogy asmana göteripdi. Ýewropada şeýle waka 10-njy gezek gaýtalanyp, «Barselona» bilen «Bawariýada» bu görkeziji 2-ä deňdir.
- Bu kubok «Mançester Sitiniň» taryhyndaky 32-nji, şol sanda toparyň tälimçisi Pep Guardiolanyň karýerasyndaky 35-nji kubogydyr.

Pep Guardiola 3-nji gezek (2009, 2011, 2023) Çempionlar Ligasynyň Kubogyny gazanyp, bu ugurda Karlo Ançelottiden soň 2-nji ýerde barýar.

- «Mançester Sitidäki» 14-nji kubogyny gazanan 52 ýaşyndaky Guardiola bir möwsümde 2-nji gezek (2008/09, 2022/23) 3 kubok gazanan ilkinji tälimçi boldy. Guardiola «Mançester Sitiniň» tälimçisi hökmünde 300-nji ýeňşini gazandy.
- Mançester şäheri Milan şäherinden soň UEFA-nyň iň uly klub ýaryşynda 2 topary bilen çempionlyk gazanan 2-nji şäher hökmünde hasaba alyndy.
- «Mançester Sitiniň» 37 ýaşyndaky 3-nji derwezeçisi Skott Karson mundan 18 ýyl öň Stambulda oýnalan finalda «Milany» ýeňip, kubogy gazanan «Liwerpulyň» hem ätiýaçdaky derwezeçisidi.
- 1964-nji, 1965-nji we 2010-njy ýyllarda bu kubogy eýelän «Inter» topary 6-njy gezekki finalynda 1967-nji we 1972-nji ýyllardan soň 3-nji sapar utuldy.
- Italýan klublary 29 gezek finala çykyp, 17-nji sapar ýeňlişe sezewar boldy.
- «Mançester Siti» topary 16-njy awgustda UEFA Super Kubogy duşuşygynda «Sewilýa» bilen duşuşar. Duşuşyk Gresiýanyň Pireý şäherindäki Karaiskakis stadionynda oýnalar.
- UEFA Çempionlar Ligasynda möwsümiň oýunçysy diýlip, finalyň hem iň ökde oýunçysy saýlanan «Mançester Sitiniň» ispaniýaly ýarymgoragçysy Rodri yglan edildi.
- UEFA Çempionlar Ligasynda möwsümiň ýaş oýunçysy diýlip, «Napoliniň» gruziýaly futbolçysy Hwiça Kwarasheliýa saýlandy.
- 12 gol geçiren «Man. Sitiniň» norwegiýaly hüjümçisi Erling Holann ýaryşyň iň netijeli futbolçysy boldy.
- «Mançester Sitiniň» argentinaly ýyldyzy Hulian Alwares bir möwsümde 3 esasy kubok bilen Dünýä Kubogyny gazanan ilkinji, şol sanda bir möwsümde hem Dünýä Kubogyny, hem-de UEFA Çempionlar Ligasyny gazanan 10-njy futbolçy boldy.

**«MANÇESTER SITI»:** Ederson – Manuel Akanži, Ruben Diaş, Natan Ake – Jon Stouns (Kaýl Wolker 82), Rodri – Bernardo Silwa, Kewin De Bruýne (Fil Foden 36), Ilkaý Gündogan (k), Jek Griliş – Erling Holann; Tälimçi: Pep Guardiola

**«INTER»:** Andre Onana – Matteo Darmian (Danilo D'Ambrosio 84), Françesko Açerbi, Alessandro Bastoni (Raol Bellanowa 76) – Denzel Dumfris (Robin Gosens 76), Nikolo Barella, Marselo Brozowiç (k), Hakan Çalhanoglu (Henrih Mhitaryan 84), Federiko Dimarko – Lautara Martines, Edin Jeko (Romelu Lukaku 57); Tälimçi: Simone Inzagi

# Jokowiç – «Uly tuwulgalaryň» hökümdary

Möwsümiň 2-nji «Uly tuwulga» ýaryşy bolan «Fransiýa Açyk» tennis bäsleşigi tamamlandy. «Rolan Garros» hem diýilýän ýaryş 127-nji gezek geçirilip, erkekleriň arasynda serbiýaly Nowak Jokowiç, zenanlardan geçen ýylyň ýeňijisi polşaly Iga Şwentek çempion boldy. Umumy baýrak



gaznasy 49,6 million ýewro deň bolan ýaryşda ýeňijilere aýratynlykda 2,3 million ýewro pul baýragy berildi.

Erkekleriň arasyndaky finalda Nowak Jokowiç bilen geçen ýylyň finalçysy, norwegiýaly Kasper Ruud duşuşdy. 3 sagat 13 minutlap dowam eden duşuşykda Jokowiç garşydaşyny 3 setde ýeňlişe sezewar etdi. Ol 1-nji setde kynçylyk çekse-de, taý-brek bilen 7:6 hasabynda ýeňiş gazandy. 2-nji set Jokowiç üçin ýeňil geçdi we 6:3 üstün çykdy. Çekeleşikli geçen 3-nji setde Jokowiçe ýeňiş gazanmak juda kyn düşdi. Ruud ilkinji 5 oýunda öz ilkinji urgusynda (serve) ýalňyşlyk goýbermedi. 5:5-den soň 11-nji oýunda garşydaşynyň ilkinji urgusyny döwmegi başaran Jokowiç öz ilkinji urgusyny ýalňyşsyz tamamlap, 3:0 hasabynda ýeňiş gazandy.

Şeýlelikde, Nowak Jokowiç «Rolan Garros» tennis ýaryşynda 2016-njy we 2021-nji ýyllardan soň 3-nji gezek çempion bolmagy başardy. Bu onuň umumylykda 34-nji «Uly tuwulga» finalyndaky 23-nji çempionlygydyr. 36 ýaşyndaky tennisçi «Uly tuwulga» gazanmakda ispaniýaly Rafael Nadaldan öňe geçip, rekordyň ýeke-täk eýesi boldy. Jokowiç «Awstraliýa Açykda» 10, «Fransiýa Açykda» 3, «Wimbledonda» 7, «Amerika Açykda» hem 3 gezek çempionlyk gazandy. Ol 4 «Uly tuwulgada» hem azyndan 3 gezek çempion bolan ilkinji erkek tennisçi hökmünde hasaba alyndy. Bu çempionlyk Jokowiçiň ATP-niň ýaryşlaryndaky 94-nji kubogy bolup, ol «Açyk» döwürde 3-nji orunda barýar. Jokowiç «Fransiýa Açykda» 4, «Amerika Açykda» 6, «Wimbledonda» 1 gezek finalda utuldy.



Geçen ýylky finalda Rafael Nadaldan asgyn gelen Kasper Ruud bassyr 2-nji gezek «Fransiýa Açykda» 2-nji orny eýeledi. Sanawyň 4-nji basgançagynda barýan 24 ýaşly Ruud geçen ýyl «Amerika Açygyň» finalynda-da Karlos Alkarasdan ýeňlipdi.

Zenanlaryň arasyndaky final 2 sagat 46 minutda tamamlandy. Geçen ýylyň çempiony Iga Şwentek finalda ilkinji gezek «Uly tuwulga» kubogyna dalaş edýän çehiýaly Karolina Muhowa bilen duşuşdy. Duşuşygyň 1-nji setinde Şwentek 6:2 üstün çykdy. 2-nji set çekeleşikli geçip, Muhowa 7:5 ýeňiş gazandy we umumy hasaby deňlemegi başardy. Duşuşygyň jemleýji setinde ilkinji 2 oýunda Muhowa üstün çykanam bolsa, soňlugy bilen, Şwentek 6:4 hasabynda ýeňşini baýram etdi. Netijede, 2:1 hasabynda ýeňiş gazanan 22 ýaşyndaky Şwentek «Fransiýa Açykda» bassyr 2-nji, umumylykda-da 3-nji gezek çempion bolmagyň hötdesinden geldi (2020, 2022, 2023). Bu onuň 4-nji «Uly tuwulga» kubogy bolup, ol geçen ýyl «Amerika Açykda» hem çempion bolupdy. Şwentek amerikaly Serena Williamsdan soň (2004), 4 «Uly tuwulga» gazanan iň ýaş zenan tennisçi hökmünde hasaba alyndy. Bu çempionlyk sanawyň 1-nji belgili tennisçisi Şwentegiň karýerasyndaky 14-nji WTA kubogydyr.

# NBA-nyň hem-de NHL-iň TÄZE ÝEŇIJILERI

Amerikanyň Milli basketbol ligasy NBA-da hem-de Milli hokkeý ligasy NHL-de täze çempionlar hasaba alyndy. Çempionlyk gazanan toparlaryň 2-si hem 5-nji duşuşyklardan soň, umumy hasapda 4:1 öňe saýlanyp, arzyly sepgide ýetdiler. NBA-da «Denwer Naggets», NHL-de «Wegas Golden Naýts» topary çempion bolmagy başardy.



Floridada oýnalan 4-nji duşuşykda «Denwer Naggets» topary ýerli «Maýami Hit» toparyny 108:95 hasabynda ýeňip, umumy hasapda 3:1 öňe saýlanypdy. Şol duşuşykdan 3 gün soň Denwerde geçirilen 5-nji oýunda «Denwer Naggets» 94:89 hasabynda ýeňiş gazanyp, 56 ýyllyk taryhyndaky ilkinji çempionlygyny baýram etdi. «Denwer Naggets» topary NBA-da çempionlyk gazanan 20-nji klub hökmünde hasaba alyndy. «Denwer Naggets» topary soňky 44 ýylda Kaliforniýa ýa-da Tehasdan bolman çempionlyk gazanan Günbatar Konferensiýanyň ilkinji wekili boldy. Soňky gezek 1979-njy ýylda Kaliforniýa ýa-da Tehasdan bolman çempionlyk gazanmak «Seatl Supersoniks» toparyna miýesser edipdi.

5-nji duşuşykda 28 utuk, 16 ribaund bilen «double-double» eden Nikola Ýokiç Bill Rassell adyndaky final oýunlarynyň iň ökde oýunçysy baýragynyň eýesi boldy. Ol final tapgyrynda ortaça 30,2 utuk, 14 ribaund hem-de 7,2 asist görkezijiler bilen çykyş etdi. Ol 2014-nji ýylda 41-nji orundan draft edilipdi. Ýokiç iň pes görkeziji bilen «draft» edilibem, finalyň iň ökde oýunçysy saýlanan basketbolçy boldy. Serbiýaly ýyldyz basketbolçy 2020/21 hem-de 2021/22 möwsümlerinde adaty möwsümiň iň gymmatly oýunçysy saýlanypdy. Ýokiç pleý-off tapgyrynda 600 utuk, 269 ribaund, 190 asist eden ilkinji basketbolçy boldy.




# Goňşy ýurtda kubogy eýeledi

Argentinada geçirilen FIFA U-20 Dünýä Kubogy ýaryşynda Urugwaýyň ýaşlar ýygyndysy çempion boldy. La Plata şäherindäki Diego Armando Maradonanyň adyny göterýän sta-




dionda oýnalan finalda Urugwaýyň U–20 ýygyndysy Italiýanyň U–20 ýygyndysy bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda Günorta Amerikanyň wekili 1–0 hasabynda ýeňşini baýram etdi. Goňşy ýurtda gazanylan çempionlygyň ýeke-täk goluny oýnuň tamamlanmagyna 4 minut galanda, ýagny 86-njy minutda Lusiano Rodgires geçirdi. Bu Urugwaýyň ýaşlar ýygyndysynyň şu ýaryşdaky ilkinji çempionlygy bolup, olar 23-nji gezek geçirilen bu bäsleşikde 2 gezek finalda utulypdylar. Olar 1997-nji ýylda Argentinadan, 2013-nji ýylda Fransiýadan asgyn gelipdi.

Ilkinji gezek finala çykan Italiýanyň ýaşlar ýygyndysy kümüş medal bilen oňňut etmeli boldy. Italiýanyň U–20 ýygyndysy 2017-nji ýylda bürünç medal gazanypdy, 2019-njy ýylda-da 4-nji ýeri eýeläpdi.

Çempionatyň iň ökde oýunçysyna berilýän «Altyn top» baýragyna Italiýanyň ýaşlar ýygyndysynyň ýyldyzy Çesare Kasadei laýyk görüldi. 7 gol geçiren Kasadei çempionatyň iň netijeli oýunçysy bolup, «Altyn butsy» baýragy bilenem sylaglandy.

Ýaryşda 3-nji ýeri Ysraýylyň ýaşlar ýygyndysy eýeläp, olar Günorta Koreýanyň ýaşlar ýygyndysyny 3–1 hasabynda ýeňdi we ilkinji gezek bürünç medala mynasyp boldular.

1977-nji ýyldan bäri her 2 ýyldan bir gezek geçirilýän FIFA U–20 Dünýä Kubogy ýaryşy FIFA-nyň Dünýä



Kubogyndan soňky iň esasy bäsleşigi hasaplanýar. Ýaryş täze ýyldyzlaryň ýüze çykmagyna uly goşant goşýar. Mundan öňki ýaryşlarda Wladimir Bessonow, Diego Maradona, Robert Prosineçki, Oleg Salenko, Adriano, Seýdu Keita, Hawier Savioıla, Lionel Messi, Serhio Aguero, Pol Pogba, Erling Holann ýaly ýyldyzlar FIFA-nyň bu ýaryşynda «Altyn top» ýa-da «Altyn butsy» baýraklaryny gazanyp, köpçülige tanaldylar.

# ÇEMPION ARANY AÇÝAR

**Moto GP boýunça möwsümiň 6-njy ýaryşy Italiýanyň Florensiýa şäherindäki Skarperia-e-San Piero kommunasynda geçirildi. «Mugello» trassasynda geçirilen ýaryşda 23 aýlawy 41 minut 16,863 sekuntda tamamlan «Ducati Lenovo» toparynyň italýan sürüjisi, soňky çempion Françesko Banaia ýeňiş gazandy. Bu onuň şu möwsümdäki 3-nji, karýerasyndaky 14-nji ýeňşi boldy. Ýaryşda 2-3-nji orunlary «Prima Pramac» toparynyň sü-**



**rüjileri, degişlilikde, ýeňijiden 1 sekunt yza galan ispaniýaly Horge Martin bilen ýeňijiden 1,9 sekunt soň pellehana gelen fransiýaly Ýohan Zarko eýeledi.**

**Italiýa «Gran Prisinde» sprint ýaryşlary hem geçirilip, onda-da Banaia taý tapylmady. Ol sprint ýaryşlarynda Marko Bezzekkiden hem-de Horge Martinden öňe saýlanmagy başardy.**

**Geçirilen 6-njy «Gran Priden» soň utugyny 131-e ýetiren Françesko Banaianyň liderligi dowam edýär. 2-nji ýerdäki Marko Bezzekkiniň 110 utugy bar. Italiýa «Gran Prisinde» 2-nji ýeri eýelän Horge Martin utugyny 107-ä ýetirip, 3-nji orna beýgeldi.**

**Möwsümiň 7-nji ýaryşy 18-nji iýunda Germaniýada geçiriler.**

# 50 ýyldan soň gatnaşyp, 1-nji orna mynasyp boldy

Dünýäniň iň kyn ýaryşlarynyň biri bolan «Le Man 24 sagat» awtoulag bäsleşiginde «Ferrari» topary ýeňiş gazandy. 50 ýyldan soň «Le Man 24 sagat» ýaryşyna gatnaşan «Ferrari» toparynyň adyndan Alessandro Pier Judi, Jeýms Kalado hem-de Antonio Jowinazzi bäsleşdi. Berdaşlylyk Dünýä çempionatynyň çäginde geçirilýän ýaryşda «Ferrari AF Corse» toparynyň sürüjileri hiper awtoulag görnüşi boýunça 51-nji belgili ulag bilen 24 sagadyň dowamynda 342 aýlawy tamamlamagy başardy. 50 ýyldan soň «Le Man 24 sagat» ýaryşyna gatnaşan «Ferrari» topary 5 ýyldan bäri ýeňiş gazanyp gelýän «Toyota» toparynyň bu üstünligini soňlandyrdy. Ýaryşda ýeňijiden 1 minut 21,793 sekunt yza galan «Toyota» toparynyň sürüjileri Sebastian Buemi, Brendon Hartli hem-de Rýo Hirakawa dagy 2-nji ýeri eýelediler. Irl Bamber, Aleks Linn hem-de Riçard Westbruk dagynyň erk eden «Cadillac» toparynyň 2-nji belgili ulagy 24 sagatda 341 aýlawy tamamlap, 3-nji orna mynasyp boldy.



«Le Man 24 sagat» ýaryşy şu ýyl 91-nji gezek geçirilip, ol ilkinji gezek 100 ýyl mundan ozal guralypdy. Ýubileý ýylynyň bolmagy mynasybetli ýaryşyň başlangyç dabarasyna amerikaly meşhur basketbolçy LeBron Jeýms hem gatnaşyp, ol bäsleşigiň başlandygynyň yşaratyny berdi. Ýaryş Fransiýanyň Le Man şäherindäki De La Sarte trassasynda geçirilýär.

# 6 ýyl öň esaslandyrylypdy

NHL-de Stenli Kubogynyň final tapgyrynyň 5-nji duşuşygy «Wegas Golden Naýts» toparynyň meýdançasynda geçirildi. Bu duşuşykda «Wegas Golden Naýts» topary gar-



şydaşy «Florida Panters» toparyny 9:3 hasabynda ýeňmegi başardy. Uly hasaply gazanylan bu ýeňişden soň umumy hasaby 4:1-e ýetiren «Wegas Golden Naýts» topary taryhyndaky ilkinji çempionlygyny baýram etdi. 5-nji duşuşykda «Wegasa» uly hasaply ýeňiş getiren şaýbalary Mark Stoun (3), Hag, Martines, Smit, Amadio, Barbaşew hem-de Rua derweză girizdi.



Toparynyň çempion bolmagyna uly goşant goşan Jonatan Marşesso Stenli Kubogynyň iň ökde oýunçysy diýlip saýlandy. Ol finaldaky 5 duşuşykda 8 utuk (4 gol, 4 asist) gazanmagy başardy. Umumylykda Stenli Kubogynyň pleý-off oýunlarynda 25 utuklyk (13 gol, 12 asist) goşant etdi. Marşesso mundan 6 ýyl ozal «Florida Pantersiň» düzüminde hem çykyş edipdi.

Şunlukda, esaslandyrylanyndan 6 ýyl soň «Wegas Golden Naýts» topary taryhyndaky 2-nji finalynda Stenli Kubogyny eýelemegi başardy. Olar 2018-nji ýyldaky finalda «Waşington Kapitalsdan» asgyn gelipdiler. «Florida Panters» topary 1996-njy ýylda «Kolorado Ewalanş» toparyndan utulanyndan soň 2-nji gezek finalda ýeňildi.



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.



# ÝEWROPA ÝURTLARYNYŇ ÇEMPIONLARY

**Ýewropada futbol möwsümi tamamlandy. Dowam edýän ýurtlarda-da çempionaty tomusda geçirilýän ýa-da gyşda geçirilmeýän ligalar bolup, olaryň täze möwsümi golaýda başlady.**

**UEFA-nyň düzümindäki 55 ýurduň çempionlaryna seredenimizde, käbir çempionatlarda garaşylmadyk täze çempionlar peýda boldy. Käbirlerinde-de şol bir heň, şol bir owaz diýlişi ýaly, gaýtalanýan çempionlyklar bu möwsümde-de hasaba alyndy.**

## «BAWARIÝANYŇ» «BUNDESLIGASY»

● Ýewropanyň öňdebaryjy 5 çempionatyna seredenimizde, şolaryň 2-sinde çempion täzelenip, galan 3-sinde geçen ýylyň, hatda ondan öňki ýylyň çempionlyklary ýeňiş gazandy. Çempiony täzelenen ligalaryň biri Italiýanyň çempionaty «Serie A» bolup, «Napoli» topary 33 ýyldan soň 3-nji «Skudettosyny» gazandy. Ispaniýanyň çempionaty «La Ligada» «Barselona» topary Madridiň klublarynyň 3 ýyllyk çempionlygyndan soň, 26-njy gezek ýeňiji boldy. Fransiýanyň çempionatynda PSŽ bassyr 2-nji, soňky 11 möwsümdäki 9-njy çempionlygyny gazandy. Ýylsaýyn «Bawariýanyň» ligasyna öwrülip barýan «Bundesligada» soňky 11 ýylda bolşy ýaly, çempionyň ady üýtgemedi. Elbetde, «Bawariýanyň» yzly-yzyna 11-nji çempionlygyny gazanmagynda «Borussiýa Dortmundyň» paýy uly. Agzaburna gelen çempionlygy soňky oýunda deňme-deň oýnap aldyrmak, aslynda akyla sygmajak zat. Netijede, «Bawariýa» yzly-yzyna 11-nji çempionlygyny gazanmak bilen Ýewropanyň öňdebaryjy 5 çempionatynda özüne degişli bolan rekordy täzeledi. Olar bu ugurda ýene-de 4 çempionlyk gazansa, yklymyň rekordyny hem täzelärler. Yklymyň rekordyny 2 klub paýlaşýar. Gibraltaryň çempiony «Linkoln Red Imps» (2003 – 2016) bilen Latwiýanyň «Skonto» (1991 – 2004) topary yzly-yzyna 14 gezek çempion boldular. «Bawariýa» «Bundesligany» Gibraltaryň hem-de Latwiýanyň çempionatlarynyň derejesine düşürýär diýsek hem öte geçdigimiz bolmaz.

Angliýanyň «Premier Ligasynda-da» «Arsenal» 247 günläp sanawyň 1-nji basgançagynda galybam, soňlugy bilen çempionlygy «Mançester Siti» toparyna aldyrdy. «Mançester Siti» bassyr 3-nji, umumylykda-da 9-njy çempionlyk kubogyny asmana göterdi.

Portugaliýada «Benfika» soňky tapgyrda-da öňdeligini saklap, «Portodan» 1 utuk öňe saýlandy we 3 ýyldan soň 38-nji çempionlygyny baýram etdi. Niderlandlaryň çempionatynda-da «Aýaksyň» yzly-yzyna 3 ýyllyk çempionlygyny «Feýenoord» soňlandyrdy. 5 ýyldan soň çempion bolan «Feýenoord» 16-njy gezek çempion diýen ady eýeledi.

## «RB SALSBUR» HEM «BAWARIÝA» EÝERÝÄR

● Awstriýanyň «Bundesligasy» hem Germaniýanyň «Bundesligasyndan» görelde alýan ýaly bolup, «Red Bull Salsburg» topary bassyr 10-njy çempionlygyny gazandy. Geçen ýylyň wise-çempiony «Şturm Grasa» bu ýyl hem salsburglylaryň tagtyny owsarlamak başartmady. «RB Salsburg» umumylykda 17-nji çempionlygyny gazandy. Glazgo şäheriniň 2 wekiliniň arasyndaky çempionat hasaplanýan Şotlandiýanyň «Premiership»-inde «Seltik» bassyr 2-nji gezek çempion boldy. Soňky 12 ýylda diňe 1 gezek çempionlygy köne bäsdeşi «Reýnjerse» aldyran «Seltik» 53-nji ýeňşini baýram etdi. Ýöne olar şonda-da «Reýnjersden» 2 çempionlyk yzda barýar. Russiýanyň çempionatynda-da «Zenit» topary ýene-de moskwalylardan öňe saýlanyp, bassyr 5-nji, umumylykda-da 9-njy çempionlygyny gazandy.

Serbiýanyň «SuperLigasynda» 2000-nji ýyllaryň başlarynda «Partizan» hem-de «Srwena Zwezdanyň» klublary gezekleşip çempion bolýardy. 2008-2013-nji ýyllarda «Partizanyň» yzly-yzyna 6 çempionlygyndan soň, gysga wagtlyk gezekleşmek däbi ýene başlapdy. Ýöne 2018-nji ýyldan soň «Srwena Zwezda» çempionlygyň ýeke-täk hojaýyny bolup gelýär. Serbiýada garaşylmadyk waka 2-nji ýeri eýelän topar bolup, 2019/20 möwsüminden bäri ýokary ligada çykyş edip gelýän TSS kluby taryhynda ilkinji gezek kümüş medal gazandy. Baçka-Topola şäherçesiniň wekili täze möwsümde UEFA Çempionlar Ligasynyň 3-nji saýlama tapgyryna gatnaşar. Ukrainanyň çempionaty-da «Şahtýor Donesk» toparynyň çempionlygy bilen tamamlandy. Kiýewiň «Dinamosyna» 8 ýyldan soň ilkinji 3-lige düşmek başartmady. «Dnepr-1» topary Çempionlar Ligasynyň saýlama tapgyryna gatnaşar. Belki-de Ýewropada soňky ýyllaryň iň dramatik ýagdaýda tamamlanan çempionaty Belgiýanyň ligasy boldy. Soňky tapgyrda çempionlyk 3 toparyň arasynda üýtgäp durdy we ahyrynda «Roýal Antwerpen» topary 66 ýyldan soň 5-nji çempionlygyny gazandy. Şweýsariýada 1 ýyllyk arakesmeden soň ýene-de «Ýang Boýz» 16-njy gezek «Swiss Super Liganyň» ýeňijisi boldy. Çempionatda geçen ýyl «Sürih» çempionlyk gazanypdy.

Çempionlarynyň sany az bolan ýurtlaryň biri Türkiýäniň «Süper Ligi» bolup, dartgynly we çekeleşikli geçen möwsümiň ahyrynda «Galatasaraý» 4 ýyllyk arakesmeden soň 23-nji çempionlygyny baýram etdi. Edil Türkiýe ýaly az sanly klubuň arasynda geçýän çempionlyk ýaryşy bolan başga bir çempionat – Çehiýanyň Ýokary ligasynda paýtagt Praganyň «Sparta» ýa-da «Slawiýa» klublary ýeňiş gazanýar. Soňky ýyllarda «Wiktoriýa Plzen» hem-de «Slowan Liberes» klublary-da paýtagtlylaryň arasyna goşuldy. Çempionatyň şu möwsümi «Wiktoriýa Plzen» hem-de «Slawiýa Praganyň» gezekleşip gazanan 8 çempionlygyndan soň «Sparta» 13-nji, umumylykda 34-nji çempionlygyny baýram etdi. Olar soňky gezek 2013/14 möwsüminde çempionlyk gazanypdylar.

## SOŇKY 17 ÝYLDA 1 GEZEK ÇEMPION BOLMADY

● Yklymyň ýaş döwletlerinden Horwatiýada hem çempion bolan klublaryň sany barmak basyp sanardan geçenok. 1992-nji ýyldan bäri geçirilýän çempionatyň öňbaşçysy Zagrebiň «Dinamo» toparynyň gaýtalanmajak rekordy goýmagy mümkindi. 2006-njy ýyldan bäri çempionlygy diňe 1 gezek aldyran «Dinamo Zagreb» yzly-yzyna 17 çempionlyk gazanyp bilerdi. 2016/17 möwsüminde «Riýekanyň» garaşylmadyk çempionlygy olaryň bu taryhy statistikasynyň arasyny bozdy. Ozalky Ýugoslawiýa döwrüniň esasy klublaryndan «Haýduk Split» toparynyň çempion bolmanyna 18 ýyl doldy. Horwatiýada şu möwsüm «Dinamo Zagreb» bassyr 6-njy, umumylykda 24-nji çempionlygyny gazandy.

«Olimpiakosyň» ligasyna öwrülen Gresiýanyň «Super Ligasynda» adaty möwsüm «Panatinaikosyň» liderligi bilen tamamlandy. Ýöne çempion bolmak pleý-off tapgyrynda AEK toparyna miýesser etdi. Afiny şäheriniň wekili 5 ýyldan soň 13-nji çempionlygyny gazandy. Soňky gezek 2010-njy ýylda çempion bolan «Panatinaikos» topary çempionlyk üçin azyndan ýene bir ýyl garaşmaly bolar.

Ýewropada çempiony iň soňky bolup belli bolan Bolgariýada Razgrad şäheriniň «Ludogores» topary-da yklymyň rekordyna ymtylýar. Eýýäm 14 ýyldan bäri çempionlyk paýtagt Sofiýa şäherine baranok. Çempionlyk şu möwsümde täzeden paýtagta dolanmaga golaýlan hem bolsa, Sofiýanyň SSKA toparyndan 1 utuk aratapawudy bilen öňe saýlanan «Ludogores Razgrad» bassyr 12-nji çempionlygyny gazandy. Ilkinji gezek 2012-nji ýylda çempion bolan «Ludogores» toparyna şol ýyldan bäri taý tapylanok. Wengriýada ýurduň iň uly kluby «Ferenswaroş» topary çempionlyksyz geçen ýyllaryň (2004-2016) öwezini dolýar. Klub Stanislaw Çerçesowyň tälimçiliginde bassyr 2-nji (şol sanda yzly-yzyna 5-nji), umumylykda 34-nji gezek çempion bolmagy başardy. Ysraýylyň çempionatynda-da soňky 2 ýylda bolşy ýaly «Makkabi Haýfa» çempionatyň altyn medalyna mynasyp boldy. Bu olaryň 15-nji çempionlygydyr.

## ILKINJI ÇEMPIONLYKLAR

● Rumyniýada meşhur futbolçy George Hajiniň eýeçiligindäki «Farul Konstansa» kluby ilkinji çempionlygyny gazandy. Aslynda bu klub 2021-nji ýylda Hajiniň öňki topary «Witorul Konstansa» bilen birleşdirilipdi. 2009-njy ýylda esaslandyrylan «Witorul» topary-da 2016/17 möwsüminde çempionlyk gazanypdy.

Polşanyň çempionaty «Ekstraklassa»-da hem täze çempion peýda boldy. Çenstohowy şäheriniň kluby «Rakuw» 102 ýyllyk taryhynda ilkinji gezek Polşanyň çempiony bolmagy başardy. Edil şonuň ýaly Kipriň çempionatynda-da futbol janköýerleri täze çempion bilen tanyşdy. Limassol şäheriniň klublaryndan «Aris» 89 ýyllyk taryhynda Kipriň 1-nji Diwizionynda ilkinji çempionlygyny gazandy. Çempionatda geçen ýylam Limassol şäheriniň wekili, başga bir kluby «Apollon» çempion bolupdy. Şol sanda 2008-nji ýylda esaslandyrylan Demirgazyk Irlandiýanyň çempionatynda-da täze çempion ýüze çykyp, «Larne» kluby möwsümi çempionlyk bilen tamamlady.

113 ýyllyk taryhy bolan Lýuksemburgyň Milli Diwizionynda çempion üýtgedi. 2000-nji ýyldan bäri 16 gezek çempionlyk gazanan «F91 Dudelanž» geçen ýyl ýeňiji bolupdy. Şu möwsümde bolsa «Swift Hesperanž» topary 103 ýyllyk taryhynda ilkinji çempionlygyny baýram etdi. Makedoniýada-da 2015-nji ýylda esaslandyrylan «Struga» kluby ilkinji gezek çempion diýen derejä ýetdi.

Latwiýada «Žalgiris» bassyr 3-nji, umumylykda 10-njy, Estoniýada ýurduň iň esasy kluby «Flora» 14-nji, Azerbaýjanda «Garabag» yzly-yzyna 2-nji, umumylykda 10-njy, Sloweniýada «Olimpiýa Lýublýana» 4 ýyldan soň 3-nji, Slowakiýada «Slowan Bratislawa» bassyr 5-nji, umumylykda 13-nji, Gruziýada «Dinamo Tbilisi» 1 ýyllyk arakesmeden soň 19-njy, Kosowoda «Ballkani» kluby yzly-yzyna 2-nji, Ermenistanda soňky tapgyra çenli dowam eden ýiti göreşden soň «Urartu» topary 2-nji (1-nji gezek 2014-nji ýylda bolup), Bosniýa we Gersegowinada «Zrýinski Mostar» bassyr 2-nji, umumylykda 8-nji, Uelsde «Nýu Seýnts» topary yzly-yzyna 2-nji, umumylykda 15-nji gezek çempion bolmagy başardy.

Moldowada 2000-nji ýyldan bäri 23 möwsümiň 21-sinde çempion bolan «Şerif» (Tiraspol) bassyr 8-nji gezek çempionlyk gazandy. Tiraspol şäheriniň wekili diňe 2011-nji we 2015-nji ýyllarda çempionlyk gazanyp bilmedi. Belarusda «Şahtýor Soligorsk» topary bassyr 3-nji çempionlygyny gazandy. Ýöne olaryň çempionlygy, şol sanda 2-nji ýeri eýelän «Energetik-BGU Minsk toparynyň kümüş medaly galplyga ýol berendikleri üçin ýatyryldy. 3-nji ýeri eýelän BATE Çempionlar Ligasyna gatnaşar.

## ÇEMPIONATSYZ ÝEKE-TÄK ÝURT

● Milli ligalaryň juda pes ýurtlary hasaplanýan Maltada «Hamrun Spartans» 1 ýyldan soň 9-njy, Garadagyň çempionatynda «Budoçnost Podgorisa» topary 1 ýyllyk arakesmeden soň 6-njy gezek çempionaty birinjilik bilen tamamlady. Yklymyň iň kiçi ýurtlarynyň biri bolan Andorrada «Atletik Klub d'Eskaldes» topary 21 ýyllyk taryhynda ilkinji gezek çempionlyk gazandy. 16 klubly çempionaty bolan San Marinonyň çempionatynda «Tre Penne» kluby 5-nji çempionlygyny baýram etdi. Futbolyň başga bir kiçi ýurdy Lihtenşteýniň çempionaty bolman, ýurduň klublary Şweýsariýanyň ligalarynda çykyş edýär. Lihtenşteýniň Kubogy ýaryşy geçirilip, ýeňijisi Ýewropa Konferensiýa Ligasyna gatnaşýar.

## TOMUSDA GEÇIRILÝÄN ÇEMPIONATLAR

● Ýewropada howa şertleri sebäpli tomusda geçirilýän çempionatlar hem bolup, olar mart-aprel aýlarynda başlap, noýabr aýynda-da tamamlanýar. Şol sebäpli bu ýurtlaryň geçen ýylky çempionlary UEFA-nyň ýaryşlaryna wekilçilik edýärler. Tomusda geçirilýän çempionatlaryň arasynda iň esasy Daniýanyň çempionaty bolup, «Kopengagen» bassyr 2-nji, umumylykda 15-nji, Norwegiýanyň çempionaty «Eliteserien»-de «Molde» 3 ýyldan soň 5-nji, Şwesiýada «BK Hekken» 82 ýyllyk taryhyndaky 1-nji, Finlýandiýanyň çempionaty «Veikkausliiga»-nyň 92-nji möwsüminde ýurduň meşhur kluby «HJK Helsinki» bassyr 3-nji, umumylykda-da 32-nji, Latwiýada «Walmiera» topary garaşsyzlykdan soňky ilkinji çempionlygyny gazandy. Islandiýada «Breýdablik» kluby 13 ýyldan soň 2-nji gezek çempion boldy. Tomusda geçirilýän çempionatlaryň biri bolan Gazagystanyň «Premýer Ligasynda» hem «Astana» topary 7-nji çempionlygyny gazanypdy. Kalendar senenamasy boýunça geçirilýän Irlandiýanyň çempionatynda-da «Şamrok Rowers» yzly-yzyna 3-nji, umumylykda 8-nji ýeňşini gazandy.


TÜRKMENISTANYŇ SENAGATÇYLAR WE TELEKEÇILER BIRLEŞMESINIŇ TELEKEÇILER MEKDEBI

bilimiň täze «Sanly marketing we sanly mahabat» ugry boýunça okuwa ýazylyşygyň başlanandygyny habar berýär.




«Telekeçiler mekdebi» jemgyýetçilik birleşiginiň kärhanasy Balkan, Daşoguz, Lebap we Mary welaýat bölümlerinde «Sanly marketing we sanly mahabat» meýilnamasy boýunça täze okuwy guraýar. Bu okuwyň diňleýjileri ösen tehnologiýalaryň üsti bilen netijeli işewürligi ösdürmek we täze müşderileri çekmek üçin bilim alarlar.

Okuw halkara derejeli, ýokary hünär taýýarlykly mugallymlar tarapyndan alnyp barlar.

Okuwy üstünlikli tamamlan diňleýjilere şahadatnamalar berler.

Işde üstünlik gazanmak üçin «Telekeçiler mekdebi» jemgyýetçilik birleşiginiň kärhanasynda başlanýan «Sanly marketing we sanly mahabat» okuwyna gatnaşmaga çagyrýarys.

Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz:
Balkanabat şäherinde: +993222 20723, +99363 460907;
Daşoguz şäherinde: +993322 25072, +99364 779388;
Türkmenabat şäherinde: +993422 47850, +99365 216541;
Mary şäherinde: +993522 73676, +99365 309030.



Лиц. № 1-19-20-1439, № 1-19-20-1211

ENERGY ULKE

Специализированное предприятие ИП «ULKE» предлагает Вам квалифицированные услуги по монтажу, наладке и ремонту электрооборудования напряжением 0,4-35кВ, ремонт различных электродвигателей 0,4 - 10000кВт, силовых трансформаторов любой мощности напряжением до 10кВ, промышленных генераторов от 20кВт - до 10мВт, водяных насосов различных типов.

ИП«ULKE» является официальным представителем холдинга ALAGEUM ELECTRIC (Казахстан) и поставляет промышленное электрооборудование от производителя (трансформаторы, КТПН, оборудование для ОРУ и ЗРУ, НВ и ВВ ячейки).

alageum electric



Туркменистан, г. Ашхабад, ул. 2087 (Ага Бердиев) д.163
Тел.: +99312 23 37 28; Факс: +99312 23 14 87; E-mail: ulke_enerji@mail.ru; www.ulke.parahat.info








DURMUŞ TEHNIKASY ÜÇIN ÄTIÝAÇLYK ŞAÝLARY DÜKANY
Магазин запчастей для бытовой техники
РЕАЛИЗУЕМ:
.фреон для автомобильных кондиционеров;
.фреон для холодильников и кондиционеров всех марок;
.моторкомпрессоры для сплит систем и оконных кондиционеров всех марок;
.моторкомпрессоры и электродвигатели для бытовых, витринных и промышленных холодильников;
.электродвигатели для пылесосов;
.запасные части для стиральных машин.






Tel.: 96 07 67
865 09 57 67



Abuna–2023

TÄZELIKLERI TÄZELIGINE OKAŇ!

GADYRLY OKYJYLAR!

«Zaman-Türkmenistan» gazetine 2023-nji ýylyň II ýarymy üçin abuna ýazylyşygy dowam edýär. Gazetimize ýazylmak üçin «Türkmenpoçtanyň» islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz. Şeýle-de gündelik täzelikleri *«zamanturkmenistan.com.tm»* internet sahypasyndan okap bilersiňiz.




www.zamanturkmenistan.com.tm INDEKSI 69477